TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

A.Çarygulyýew

# SYÝASATY ÖWRENIŞIŃ TAGLYMAT ESASY WE TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat-2010

**© Ata Çarygulyýew. Syýasaty öwrenişiň taglymat esasy we taryhy.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.

**Taryh ylymlarynyň kandidaty A.Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ata Çarygulyýew.**

**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

# Giriş

Häzirki zaman jemgiỳet öwrenişde Syỳasy ylmyń (Syỳasaty öwrenişiń) örän uly orny bar. Onuń ỳokary ähmiỳeti syỳasatyń jemgyỳetiń durmuşynda oỳnaỳan öńdebaryjy roly bilen kesgitlenilỳär.Siwilizasiỳalaryń bütin taryhynyń dowamynda syỳasat, birinji nobatda döwlet ỳurtlaryń we halklaryń ykballlaryna hem adamlaryń durmuşyna möhüm täsir edỳär.

Syỳasy ylym (Syỳasty öwreniş) haçan döredildi we nähili kesgitlenilỳär?

Syỳasata akyl ỳetirmegiń synanşyklary gadymy döwürlerden başlap döwletiń bütün taryhynyń dowamynda edilipdir we dowam edilỳär.Syỳasata akyl ỳetirmegiń ilkinji taryhy formasy onuń dini mifologiki beỳan edilmegi bolup durỳar.

Tapylan taryhy çeşmelere laỳyklykda b.e.öń II-I-nji müń ỳyllyklarynda hemme gadymy halklarda häkimỳetiń we jemgiỳetçilik syỳasy düzgünler we kada-kanunlar barada olaryń Hudaỳ tarapyn gelip çykyşy barada düşünjeler agalyk edỳär.Birinji müń ỳyllygyń ortalarynda birinji syỳasy taglynatlar ỳüze çykỳar. Olar filosofiki – etiki formasynda emele geỳär.Şonuń bilen, syỳasaty teoretiki taỳdan öwrenmegiń tapgyry başlanỳar.Bu ylmy protses ilkinji nobatda Konfunsiỳiniń Platonyń we Aristoteliń döredijiligi bilen baglanşykly bolup durỳar. Bu alymlaryń häsỳetli taraplary barada aỳtsak –olar syỳasy ylym adamyń iń gowy eşretli ỳaşaỳyş üçin hem döwletiń iń gowy gurluşy baradaky ylym diỳip düşünỳärdiler.XVI asyrda N.Makiawelli syỳasy ylmyny gutarnykly dini etiki formasyndan boşadỳar,hemde ony real meseleleri çözmäge gönikdiripdir.

Hemme jemgyỳetçilik ylymlar, şol sanda syỳasaty öwreniş ylmy ösüşiń üç tapgyrlaryndan geçỳärler:filosofiki, empiriki,we refleksiỳa ỳagdaỳlaryndan.

Birinji filosofiki döwri-Aristotelden başlap, 1861-1865 ỳyllaryndaky Amerikadaky raỳatlyk urşuna çenli dowam etdi.

Ikinji taryhy döwri –Amerikadaky raỳatlyk urşundan ikinji jahan urşuna çenli dowam edipdir.

Üçünji taryhy döwür-ikinji jahan urşundan soń başlanỳar hem häzir dowam edỳär.

XIX asyryń ahyrynda –XX asyryń başynda Russiỳada syỳasy ylym çalt depginde ösüpdir. Dünỳäniń syỳasy ylmyna agramly goşant goşan rus alymlar:M.M.Kowolewskiỳ, B.N.Çiçerin, P.I.Nowgorodsew we beỳlekiler,hem-de

markisistik teoretikleri W.I.Lenin, S.W.Plehanow webeỳlekiler.1949-njy ỳylda ỲUNESCO–nyń howandarlygy astynda syỳasy ylmyń halkara guramasy döredilỳär.

Syỳasaty öwreniş ylyma häkimỳet tarapyndan garaỳyşlar SSSR döwleti dargandan soń düỳpli üỳtgeỳär.“Syỳasaty öwrenişiń taglymat esasy we taryhy” okuw dersiniń esasy maksatlary:

1. Häzirki zaman syỳasaty öwreniş ylmy bilen talyplary tanyşdyrmak.
2. Gündogaryń syỳasaty öwreniş ylmynyń ösüş taryhynyń aỳratynlyklaryny öwrenmek
3. Syỳasaty öwreniş ylmynyń nazary usuly esaslaryny düşünmek hem-de ylmyń ösüşiniń esasy ugurlaryny öwrenmek we syỳasaty öwrenmiş ylmynyń

öwrenmekliginde usuly esaslaryny düşünmek we öwrenmek .

“Syỳasaty öwrenişiń taglymat esasy we taryhy” okuw dersiniń öwrenmeklligiń meseleleri:

Syỳasaty öwreniş halkara nililmleriniń pudagynda hem-de onuń ösüşi umumy dünỳäniń ylmy pikiri bilen baglydyr.XIX asyrda marksizmiń ỳüze çykmagy bilen syỳasaty öwreniş ylymyń aỳratyn ylma bölünmegi . Syỳasaty öwreniş ylmyń başga şahasy markysist däl ỳa-da günbatar syỳasaty öwrenişiń ösmegi XIX asyrda öz ösüşini başlap täze ylym döredip üstünlikli ösüşe eỳe boldy.

Syỳasaty öwrenişiń kemala gelmegi we onuń taryhy, häzirki zaman syỳasaty öwreniş ylmynyń taglymat esaslary we ugurlary .Syỳsaty öwrenişi öwrenmekde esasy syỳasy taglymatlaryń ähmiỳeti we durmuşuń üỳtgemegi bilen olaryń çalşyp durmagy we ş.m .

Syỳasaty öwrenişiń taglymat esaslary we taryhy ylmy syỳasy ylymlaryń hatarynda uly orun tutỳar . Bu ylmyń üsti bilen syỳasaty öwrenişiń umumu esaslary hem taryhy tapgyrlary barada köp maglumatlary hem faktlary alyp bolỳar.

Syỳasaty öwrenişe häkimỳet tarapyndan garaỳyşlar öńki SSSR döwletinde, dińe üỳtgedip gurmak we demokratizasiỳalaşdyrmak tapgyrynda üỳtgedi.”Syỳasy ylymlar “diỳen düşünje resmi taỳdan tassyklanylỳar.”Syỳasaty öwreniş “ okuw dersi ỳokary okuw jaỳlarynda okadylyp başlanyldy, syỳasaty öwrenişden köp sanly ylmy hem okuw kitaplar çap edilipdir.

## I. Syỳasaty öwreniş ylmy dersi hökmünde

Syỳasaty öwreniş özbaşdak ylym hökmünde XIX asyryń II ỳarymynda emele gelipdir.Onuń sebäpleri – ylmy barlaglaryń bihewioristik hem giń ỳaỳramagy we sosiologiki bilimleriniń umumy progress bilen baglanyşykly. Bu döwürde syỳasy ylym özbaşdak akademiki ders hökmünde peỳda bolỳar. 1857-nji ỳylda ABŞ-nyń Kolumbiỳa kollejinde Frensis Hiber "taryh we syỳasy ylym" diỳen kafedrasyny döredipdir.1880-nji ỳylda bu okuw jaỳynda syỳasy ylmyń birinji mekdebi açylỳar.1903-nji ỳylda syỳasy ylymlaryń Amerikan Assosisasiỳasy döredilipdir.

Ỳewropada şol döwürde syỳasaty öwreiniş özbaşdak ylmyń hem okuw dersine öwrülipdir. Häzirki zaman syỳasaty öwrenişiń döremegine we ösüşine ỳewropa alymlary M.Weber, R.Mihes, G.Moska. W.Preto, A.Zikfrid A,Tokfill, K.Marks, F.Engels we beỳlekiler.

### Syỳasaty öwreniş ylmynyń predmeti

Syỳasaty öwreniş – syỳasat we onuń ähli hadysalary baradaky umumy , integrsion ylym bolup durỳar.

Syỳasaty öwreniş ylmyń sostaw bölekleri:

1. Syỳasy sosiologiỳa
2. Syỳasy filosofiỳa
3. Döwlet we hukuk teoriasy
4. Syỳasy geografiỳa

5. Syỳasy psihologiỳa
6. Syỳasy etika

“Syỳasy ylym” termini dünỳä syỳasatşynaslaryń guramasynda ulanylypdyr.Bu guramanyń ady “Syỳasy ylmyń assosasiỳasy” bolup durỳar.

Syỳasaty öwreniş ylym özüniń esasynda bitewi bolup durỳar, emma içki taỳdan orta we aşakdaky pudaklara taglymatlara bölünỳär.Şeỳlellik bilen, syỳasaty öwreniş – syỳasat we onuń adam hem jengyỳet bilen arabaglanyşklary baradaky ylym bolup durỳar

Syỳỳasy ylmyń predmetiniń möhüm düzüm bölekleri:

1. Syỳasy ań we medeniỳet
2. Syỳasy institutlary
3. Döwlet we partiýalar
4. Syýasatyň subýektleri
5. Şahsyýetler hem toparlar
6. Elitalar we liderler
7. Içerki syýasy gatnaşyklary
8. Daşarky syýasy gatnaşyklary
9. Syýasy prosess syýasatyň dinamiki häsiýeti hökmünde

**syýasy ylmynyň esasy ölçegleri**:

1 Normatiw ideýalar (maksatnamalar, kararlar, permanlar, hukuk kadalar)
2 Häkimiýetiň we syýasy agalygyň gatnaşygy.
3 Subýektiw görkezmeler
4 Institutlar

## Syýasaty öwrenişiň usullary

Syýasy ylymyň ulanylýan köp dürli üsti bilen bu derse has çuňňur we hemme taraplaýyn öwrenmek bolýar. Syýasaty öwrenişiň iň ähmiýetli we köp ulanylýan usullaryň birnaçe topora bölünýär.Birinjisi – syýasy obýektleriň barlaglarnyň umumy usullary (çemeleşmeleri).

Birinji nobatda ol sosiologiki çemeleşmesi. Munuň üsti bilen syýasatyň we jemgiýetiň baglanşyklary, syýasy hadysalaryň sosial sebäpleri, şol sanda syýasy sistemasynyň ykdysady gatnaşyklaryň, sosial düzümuniň, ideologiýanyň we medenýetiň edýän täsiri barada akyl ýetirmek bolýar.

Syýasy ylym özüniň ähli taryhy döwürlerinde esasan normotiw, ýa-da normotiw-gymmatlyk çemeleşmesine esaslanýar. Onuň esasy manysy syýasy hadysalaryň jemgyýet hem şahsyýet üçin ähmiỳetini, hem-de olara umumy baha bermeginden ybarat bolup durýar. Bu çemeleşme – has ösen we kämil syýasy gurluşyny döretmäge niýetlenendir.

Bu çemeleşme syýasy ylmy üçin örän zerur bolup durýar,çunki ol syýasata ahlak häsiýeti berýär.

## Funksional usullary

Bu usullaryň kömegi bilen syýasy hadysalaryň hem-de olaryň real tejribede amal bolýandygyna akyl ýetirmek mümkin.Meselem, ykdysady ösüşiň derejesiniň we syýasy gurluşynyň arabaglanyşyklaryna akyl ýetirmek, ýa-da

syýasy partiýalaryň sany we saýlan sistemasynyň arasyndaky bagşyklary barada we ş.m.

Ilkinji bolup bu usuly Nikolo Makiowelli ulanypdyr.

**Bihewioristik usuly**

Bu usul beýleki usullaryndan tapawutlylykda syýasy barlaglarynda maksimal derejesinde ylymy usullary ulanmagy bilen häsiýetlendirýär. Bihewiorizm usuly syýasata tebigy ylymlarda konkret sosiogiýada ulanylýan usullary talap edýär.

Struktur – funksional onaliziň üsti bilen syýasatyň aýry-aýry elementlere ylmy barlaglardan geçirilýärler.

**Sistema çemeleşmesi**

XX asyryň 50-60-nji ýyllarynda T. parsaans we D.istan tarapyndan işlenip düzülüpdir. Bu usulyň manysy – syýasata bitewi, çylşyrymly guralan mehanizm hökmünde garamakdan ybarat. Syýasy sistema jemgiýetde iki iň ähmiýetli funksialar amala aşyrýar:

1 Gymmatlyklary we resurslary paýlamak
2 Raýatlaryň paýlanylyş kararlaryň zerur kararlar hökmünde kabul edilmegini üpjün etmek.

Institusional usuly - Bu usulyň üsti bilen jemgiýetiň institutlaryny öwrenilýärler.

Antrapaligiki çemeleşmek - Ol syýasatyň hem adamyň tebigaty, biologiýasy bilen arabaglanşyklary öwrenmekde ybarat bolup durýar.

Psihologiki çemeleşme - Bu çemeleşme antropologiki çemeleşme ýaly, adamdan, adamyň tebigatyndan ugur alýar.

**Işeňňirlik usuly**

Syýasatyň dinamikasyny görkezýär: maksatnamalaryny döretme, dolandyryş işleri geçirmek, kararlary kabul etmek, halk köpçüligini belli bir maksatlary amala aşyrmaga gönükdirmek.

Tankydy dialektiki usuly – Onuň üsti bilen syýasatyň tankydy analizi edilýär. Bu usul syýasata tankydy analiz berrilýär, onuň hereketiniň çeşmeesi hökmünde gapma-garşylyklary analizdan geçirilşýär. Bu usul demokratiki plürulizmiň tarapdarlary tarapyndan ykrar edilipdir.

Deňeşdirme usuly – Bu usulyň üsti bilen syýasy ulgamlar, partiýalar deňeşdirilendirilenden soň ,iň amatly görnişi ulanmak üçin ulanylýar.

Ontologiki çemeleşme - bu usulyň üsti bilen esasan häkimýet, agalyk etmeklik we boýun bolmak hadysalary öwrenilýärler.

Taryhy usul – bu usul öňden bäri syýasaty öwreniş we beýleki jemgiýetçilik ylymlarynda giň ulanylýar.Ol syýasy hadysalary we wakalary oloryň taryhy izgiderliliginde öwrenmekligini talap edýär.Bu usulyň üsti bilen syýasy hadysalaryň geçmişiniň, häzirki pursatynyň hem geljeginiň arabaglanyşyklary anyklanylýar.

**Empiriki barlaglaryň usullary – bu usulyň talap edýän zatlary:**

1 Statistikany ulanmak
2 Resminamalyň analizi
3 Anket sooşygy geçirmek
4 Labaratoriýa eksperimentleri
5 Oýunlaryň teoriýasy we başgalar

## II. Syýasaty öwrenişiñ sosial we ynsanperwer bilimleriñ hatarynda öz orny

Syýasy ylymlaryñ möhüm meseleleriñ biri-syýasaty öwrenişiñ we syýasy sosiologiýanyñ aratapawutlaryny hem-de meñzeşliklerini anyklamak, olara göz ýetirmek bolup durýar.Umuman bu iki ylymyñ predmetleri bir-birine golaý bolup durýar.

Syýasy sosiologiýa sosiologiýanyñ we syýasaty öwrenişiñ bir bölegi bolup durýar.Syýasy sosiologiýa sosiologiýanyñ we syýasaty öwrenişiñ sepleşýän taraplaryny öwrenýän ylym bolup durýar.Syýasy sosiologiýa jemgyýetiñ hem döwletiñ sosial gurluşynyñ hem syýasy institutlaryñ arasyndaky arabaglanşyklary öwrenýän ylym bolup durýar.Yöne ol bu institutlaryñ analizini etmeýär.

Syýasaty öwreniş dersiniñ döwlet öwreniş dersi bilen arabaglanşygy we tapawudy bar.Döwlet öwreniş diñe döwlet gurluşuny we institutlaryny öwrenýän bolsa syýasaty öwreniş syýasatyñ real proseslerini öwrenýän ylym bolup durýar.Syýasaty öwreniş ylmy syýasy filosofiýa ylmy bilen arabaglanşyklary we tapawutlary bar.

Syýasaty öwreniş bilimleriñ aýratynlyklary bu ylmyñ jemgyýetdäki roluny we funksiýalaryny anyklamak, olara akyl ýetirmegini talap edýär.

Syýasaty öwreniş ylmynyñ funksiýalary:

1.Akseologiki (baha beriş) funksiýasy

Bu funksiyanyñ üsti bilen halkara syýasatyñ esasynda ýatan umumy adamzat, ynsanperwer gymmatlyklaryny,olaryñ arasyndaky arabaglanşyklaryny öwrenmek olara akyl ýetirmek, baha bermek, deñeşdirmek mümkin boldy;

2.Syýasy sosializasiýalaşdyrmak funksiýasy

Bu funksiýanyñ üsti bilen raýatlaryñ demokratik syýasy medeniyeti terbiýelenýär.

3.Regulýätiw funksiýasy- ýagny, raýatlaryñ hereketlerine we özüni alyp barşyna täsir etmek bolup durýar.Syýasy hereketleriñ ylmy derejesi syýasy medeniýetiñ ösüşiniñ iñ ähmiýetli görkezijisi bolup durýar.

4.Syýasy durmuşyñ rasionalizasiýalaşdyrmak funksiýasy

Syýasy institutlaryñ we gatnaşykaryñ syýasy-guramaçylyk kararlaryñ, hereketleriñ adamlaryñ özüni alyp barşynyñ funksiýasydyr.

Syýasaty öwreniş ylmy syýasy gurluşygyñ syýasy reformalyñ we üýtgedip gurmaklarynyñ teoretiki esasy bolup durýar.Ol jemgyýetde syýasy özgertmeleriñ zerurlygyny ylmy taýdan subut edýän ylym bolup durýar.

Syýasaty öwreniş ylmy empriki maglumatlara esaslanýar.Ylmy syýasy bilimleriñ ýene-de bir häsiýetli tarapy- olaryñ üsti bilen syýasy wakalary düşündirmek hem öñünden çaklamak mümkin bolup durýar.

Obýektiw reallyk hakykata-real syýasy wakalary beýan etmek degişli bolup durýar:syýasy saýlawlaryñ netijeleri barada jemgyýetçilik pikirleriñ soraşygy geçirmek, hakyky wakalary şöhlelendirmek hem-de syýasy kanunalaýyklamalary beýan

etmek. meselem saýlaw baradaky kanunyñ we syýasy partiýalaryñ sanynyñ durnukly aragatnaşygy we ş.m.

Syýasaty öwreniş ylymda syýasy däp-dessurlaryñ hem roly uly.Saýlaw kampaniýalary hem beýleki syýasy çäreleri geçirmeginde öñden gelýän däpler şol sanda dürli medeni çykyşlar köpçülikleýin ýörişler we ş.m. geçirilýärler.

Umuman syýasy ylmyñ-syýasaty öwrenişiñ beýleki jemgyýetçilik ylymlaryñ hatarynda özüniñ möhüm orny bar.

## III. Syýasy ylmyñ ýüze çykmagy, ösüşi we institutlaryň döredişi

XIX asyrda syyasaty öwreniş ylym hökmünde Günbatar Yewropada hem Amerikanyñ Birleşen Ştatlarynda ýüze çykyp, institutlary döredip uly taryhy ýoly geçipdir.

Görnükli fransuz akyldary Aleksis Tokwil (1805-1858) liberal syýasy taglymaty döredipdir.Özüniñ ‘Amerikadaky demokratiýa’kitabynda demokratiýanyñ negatiw we pozitiw taraplaryny beýan edipdir.Onuñ pikiriçe raýatlar has aktiw işeññir syýasy proseslere gatnaşmaly.Eger-de raýatlar şony etmeseler olar hökümetiñ öñünde ähli meseleleri boýunça boýun egmeli bolýarlar.

XIX asyryñ ortasynda Günbatar Yewropada demokratiýanyñ ösüşi senagat kapitalizmiñ ösüşi bilen gabat gelipdir.Liberal pikirlerde sosial meselelelere köp üns berilip başlanýar.Täze döwrüñ liberal ideýalary doly görnüşünde beýik iñlis alymyñ Jon Stýuart Milliñ (1806-1873) syýasy taglymatynda jemlenen.Ol şahsyýetiñ özbaşdaklygynyñ pikiriñ tarapdary bolup ol döwlete pozitiw rol degişli diýip düşünýärdi.Syýasy saýlaw sistemalarynda ol prosesional wekilçiligiñ tarapdarydy.

Mill şahsyýetiñ azatlygyñ hem erkinligiñ tarapdary bolup bütin ömrüne şahsy azatlyk baradaky pikirlerini öñe sürýärdi.Milliñ aýdyşyna görä azatlyk hem bagt- jemgyýetiñ prinsipial maksady bolup durýar.Şahsy azatlyk we erkinlik-bagtyñ bir bölegi bolup durýarlar.

Milliñ syýasy garaýyşlaryñ sosial häsiýeti-onuñ döwletiñ maksatlary baradaky pikirlerinde has doly we anyk görmek bolýar.

Jon Milliñ pikirine görä döwletiñ esasy borjy-öz raýatlaryny sowatly, bilimli adamlar edip taýýarlamakdan ybarat bolup durýar.

Döwlet bir tarapdan jemgyýetiñ mental ösüşüne ýardam etmeli beýleki tarapdan bolsa ol öñ döredilen ahlak we intellektual baýlygy goramaly ösdürmeli we kämilleşdirmeli.Bu pozitiw roly diñe wekilçilik sistema başaryp biler diýip, Mill nygtap geçýär.Çünki birinjiden ol indiwidual egoizme esaslanýar, ikinjiden ol öz raýatlarynyñ doly goldawyny alyp bilýär.Milliñ pikirine görä sosial döwletiñ ähli ýiti meseleleri kanagatlandyryp biljek dolandyryş- ol hemme adamlaryñ gatnaşýan dolandyryşy bolup durýar.Adamlar döwleti dolandyrmakda maksimal aktiwlik bilen gatnaşmaly

Mill kapitalizmi terk edipdir.Ol sosializma golaý bolan adamdy.Milliñ ideýalaryñ täsiri bilen Yewropanyñ liberal demokratlar çepe tarap ýagny sosializma tarap hereket edip başladylar.

XX asyrda syýasy pikirlere örän uly goşant goşan Yewropanyñ görnükli alymy Maks Weber (1864-1920) bolup durýar.Maks Weber-meşhur nemes syýasy ykdysadyýetçi we teoretik-sosiolag bolup durýar.

Maks Weberiñ pikirine görä modernizasiýanyñ taryhynda düşünmek üçin çylşyrymly hem arabaglanşykly üýtgemekleriniñ ugruny öwrenmek zerur:”däp bolan” birleşmelerden rasional birleşmelerine sosial durmuşyñ ähli ulgamlarynda we pudaklarynda

Syýasy sferasynda Maks Weber legitim agalygyñ üç tiplerini öñe sürýär (bu tipler raýatlaryñ tarapyndan ykrar edilipdir):

Birinji tipi-legal tipi.Ol hukuk döwlete degişlidir.Bu döwletde şahsyýete däl, kanunlara boýun egýärler;

Ikinji tipi-“Däp-dessur ” tipi. Bu tipde adamlar diñe kanunlara däl, eýsem añyrdan gelýän kada-kanunlaryñ hem häkimiýetleriñ keramatlygyna ynanýarlar.

Üçünji tipi-patriarhal agalyk etmek.Bu agalyk hudaý tarapyndan berilen üýtgeşik ruhy güýjüne esaslanýar.

Maks Weberiñ pikirine görä XX asyrda hukuk döwletlerinde jemgyýetçilik durmuşunyñ býurokratizasiýa prosesi güýçlendi.Bu öz nobatynda býurokratiýa bilen demokratiýanyñ arasynda gapma-garşylyklara getirip bilerdi.Ol demokratizasiýanyñ negatiw tarapyny belläpdir:halk köpçüligiñ sosial-syýasy durmuşuna çekilmegiñ netijesinde köp sanly guramalaryñ hem edaralaryñ döremegi demokratik syýasy hereketlerine päsgelçilik döredýärdi.

Býurokratiýanyñ agalygyna ýol bermezlik üçin Maks Weber plebissit demokratiýanyñ teoriýasyny öñe sürüpdir.Bu teoriýa laýyklykda plebissitar ýol bilen (bütin halkyñ göni ses bermekligi ) saýlanan harizmatiki lider parlamentar demokratiýanyñ ýeterlik bolmadyk legitim güýjüni doldurmalydyr.

Maks Weberiñ pikirine görä, diñe harizmatiki lider şahsyýetiñ jemgyýetiñ we döwletiñ XX asyrda arabaglanşyklary baradaky meselesini çözüp biler.

Döwletiñ hem jemgyýetiñ gatnaşyklary meselesi häzirki döwürde-de antual we ýiti meselesi bolup durýar.

XIX asyryñ II ýarymyndan başlap, syýasy ylmyna K.Marks , F.Engels, W.I Lenin, G.W. Plehanow we beýlekiler öz goşandyny goşupdyrlar.

SSSR döwleti dargandan soñ, syýasaty öwreniş ylmy Garaşsyz Döwletleriñ Arkalaşygynda şol sanda Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanyñ ýokary okuw jaýlarynda okadylyp başlandy.

XXI asyrda “syýasaty öwreniş” ylmy halkara standartlara gabat gelýän häzirki zaman döwrebap ylmy bolup durýar.Bu ylmyñ ösüş perspektiwalary örän uludyr.

## IV. ABŞ-da syýasy ylmyň döremegi we ösmegi

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda syýasaty öwreniş ylmyň döremegi XIX asyryň ikinji ýarymynda bolup geçdi.Syýasy ylym özbaşdak garaşsyz akademik ders hökmünde döräpdir.

1857-nji ýylda ABŞ-da Kolumbiýa uniwersitetinde Frensis Liber ‘Taryh we syýasy ylym’ kafedrasyny döredipdir.1880-nji ýylda bu okuw jaýynda syýasy ylmyň ilkinji mekdebi döredilipdir.1903-nji ýylda syýasy ylymlaryň Amerikan assosiasiýasy döredilipdir.Syýasatyň raýatlyk konsepsiýasynyň ösmegi alymlaryň ünsüni döwlet häkimiýet meselesine çekipdir.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döredilýän döwründe Ýewropada unitar garaşsyz döwletiň kemçilikleri güýçli görünipdir.Şonuň bilen baglanşykda Amerikan konstitusiýlaryň

‘atalary’ syýasy teoriýasyny we tejribesini birleşdiripdirler.Olaryň respublikasy çäklendirilen häkimiýetli döwlet hökmünde döredilipdir.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda döredijileri syýasy deňhukuklylyk we demokratiýanyň meselelerini öwrenmekde beýleki ýurtlaryň alymlaryndan has öňe gidipdirler.

Respublikanizmiň iň meşhur teoretikleriň biri Jeýms Medison (1751-1836) bolup durýar.Onuň pikirine görä- halk syýasy häkimiýetiň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar.Saýlawlar bolsa, respublikan dolandyryşyň häsiýetli tarapy bolup durýar.

Medisonyň pikirine görä eger-de köplügiň fraksiýasy höküm sürse onda ol halkyň az böleginiň bähbitlerini kemsider. Şonuň üçin esasy maksat köplügiň syýasatyna ýol bermän halkyň az böleginiň erkinliginiň üpjün etmek.

Medisonyň pikirine görä köplügiň faksiýasynyň negatiw netijelerden diňe respublika halas edip biler.Respublikany göni demokratiýadan tapawutlandyrýan zatlar:

Birinjiden-respublikada döwleti dolandyryş hukuklary az sanly raýatlara wekilçilik görünüşinde geçirmek, olar bolsa beýleki raýatlaryň tarapyndan saýlanylýar.

Ikinjiden –raýatlaryň köp sanly hem ýurduň uly territoriýasy (respublikanyň çäklerinde).

I.Medison-häkimýetiň wekilçilik formasynyň tarapdary bolup onuň teoretiki esasyny işläp düzen alymdyr. Ol syýasy ylma hem liberal dolandyryşa özüniň uly goşandyny goşupdyr.

Medisonyň pikirine görä diňe wekilçilik formasy köplügiň fraksiýanyň negatiw hereketlerine effektiw garşy çykmaga başarmaýar.

Bu sistemada Medisonyň pikirine görä jemgyýetiň bähbidi üçin hereket edip biler emma halkyň bähbitlerine dönüklik hem edip biler. Şol sebäpli akylly başly saýlawlary geçirmek üçin uly territoriýaly hem köp sanly raýatly respublika zerur bolup durýar, ýagny sosial plýuralizm sistemasy.

Medisonyň abraýy häzirki döwürde-de örän uly .Çünki ol "häkimýetleriň bölünmegi" prinsipini durmuşa amala aşyrypdyr. Monteskýeden tapawutlulykda Medison bu meselä döredijilikli çemeleşipdir.Mälim bolşy ýaly Monteskýeniň teroýasynda häkimýetleriň deňagramlylygy ýok sebäbi ol kanun çykaryjy häkimýetin ulgamyny ykrar edipdir.

Medisonyň döreden sistemasynda üç häkimýetleriň ählsi deňagramly bolup durýar.Bu mehanizim häzirki döwürde-de ABŞ-nyň syýasy sistemasynda üstünlikli hereket edýär.

XX asyrda ABŞ-da syýasy ylmyň ösüşiniň 2-nji hem 3-nji tapgyrlary geçýär. Amerikanyn syýasy ylmynda täze düli taglymatlar hem konsepsiýalaryň döremegi dowam edipdir. Amerikanyn syýasy ylmynda ikinji jahan urşundan soň "Sowetologiýa"ylmy döredilipdir, ýagny sowet soýuzyny öwrenýän ylym.

1946-njy ýylda başla Sowuk urşundan başlap 1991- nji ýylda SSSR döwletiniň dargamagyna çenli "Sowetologiýa " ylmynda SSSR döwleti esasan howuply duşman ýaly negatiw tarapdan görkezilipdir. "Sowetologiýa" ylmynyň görnükli wekilleri- ABŞ-nyň öňki döwlet sekretary Kissenjer hem Žbignew Bjezinskiý bolup durýarlar.

Mundan başgada ABŞ-da "sowuk urşy" döwründe "Antikommunizm"diýen syýasy doktrinasy hereket edýärdi.

XX asyrda meşhur amerikan alymy ylmyñ taryhçysy hem filosofy T,Kum ylmy ulanşygyna 'paradigmy' diýen düşünjäni

girizipdir.Onuñ pikirine görä Paradigmy diýe termin akyl ýetirmek meslelesine goýulmagyñ hem çözülmegin logiki modelini añladýar.Başgaça aýtsak Paradigma syýasaty öwrenmegine ugrukdyrýar.Onuñ çäklerinde bolsa alymlar özüniñ tebigatynyñ hem gurluşunyñ ol ýa bu prinsiplerini we kriteriýalaryna daýanyp, real faktlary alyp belli bir netijä gelýärler, geljege çaklamalary edýärler we ş.m.

ABŞ-da giñ ýaýran syýasatlaryñ ýene biri Plýuralizm, Rasionalizm, Pragmatizm oppozissiýa baradaky we başga syýasy taglymatlar hem syýasy doktorinalar döredilipdir.

ABŞ-nyñ häzirki döwürde örän güýçli syýasy mekdepleri bar.Onlarça uniwersitetlerinde ýörite kafedralar we ylmy merkezler syýasaty öwreniş ylmynyñ meselelerine ylmy barlagdan geçirip olara akyl ýertirýarler, alynan malumatlary jemleýärler.

## V. Syýasy ylmyñ ösüş ýolunyñ ugrlary.

Täze döwrüñ Yewropa ýurtlarynyñ alymlary esasan döwletiñ emele gelmegi we onuñ esaslary barada ylmy barlag işlerini geçirýärler.Syýasy pikir dini hem filosofik garaýyşlardan azat bolýar, akyla bolsa gural hökmünde seredilýär, kanunlaryñ dünýewi häsiýetine köp üns berilýär.

Döwlete, jemgyýete, şahsyýete bolan sistemasyny raýatlyk konsepsiýasy diýip atlandyryp bolar.onuñ merkezinde bolsa raýat-şahsyýet dur.

Döwlet garaşsyz gurama bolup adamlary goramak hem olaryñ howsyzlygyny üpjün etmek üçin hereket edýär.

Syýasatyñ hem döwletiñ raýatlyk konsepsiýasynyñ analizini renessans döwründen başlanýar.

Bu döwrüñ görnükli wekilleriniñ biri Nikkolo Makiawelli bolupdyr(1469-1527). Syýasatyñ teoretiki hökmünde ol özüniñ syýasy garaýyşlaryny beýan edip onuñ öz ylmy ýoly öz ylmy usullary bardy. Nikkolo Makiawelliniñ pikirine görä adamlar taryhdan we tejribeden üstünlikli syýasatyny alyp barmak üçin peýdaly prinsiplerini hem kadalaryny almalydyr. Nikkolo Makiawelli syýasatda ahlak prinsiplerini terk edipdir.Onuñ aýdyşyna görä ‘maksat serişdäni aklaýar’.Güýje daýanýan syýasaty Nikkolo Makiawelliniñ ady bilen baglanşyklydyr.

Nikkolo Makiawelliniñ ‘Hökümdar’ diýen kitabynda monarhiýadan respublika çenli ösüş ýoly beýan edilipdir.

Nikkolo Makiawelliden soñ syýasatyñ raýatlyk konsepsiýasyny dowam eden görnükli iñlis akyldary we alymy Tomas Kobbs bolupdyr(1588-1679). Tomas Kobbsyñ öz syýasy taglymaty bolupdyr. Tomas Kobbs monarhiýanyñ tarapdary bolupdyr.Onuñ pikirine görä monarhiýa häkimiýetiñ iñ gowy formasy bolup durýar.Emma Tomas Gobbs korollaryñ häkimiýetiñ hudaý tarapyn gelip çykyşyny inkär edipdir. Tomas Kobbsyñ nygtaýşy ýaly korol häkimiýetiñ çeşmesi-jemgyýetçilik şertnama bolup durýar.Beýleki beýik iñlis filosofy Jon Lokkyñ (1632-1704) syýasy taglymaty-syýasatyñ raýatlyk konsepsiýasynyñ beýany bolup durýar.

Jon Lokkyñ taglymaty ol döwrüñ iñ realistik hem täsir ediji taglymaty bolup durýar.

Jon Lokk-‘liberalizmiñ atasy’ diýip atlandyrylypdyr.Ilkinji bolup ‘şahsyýet’,’jemgyýet’,’döwlet’ diyen düşünjeleri takyk hem gutarnykly bölüpdir.

Jon Lokkyñ pikirine görä, adam bu dünýä inende onuñ tebigy hem aýrylmasyz hukuklary bar.Adamyñ esasy hukuklary bolsa “ýaşaýşa,azatlyga we eýeçilige” bolan hukuklar

Jon Lokkyñ hususy eýeçilige aýratyn ähmiýeti barada ol barada aýratyn pikiri bolupdyr. Jon Lokkyñ pikirine görä hususy eýeçilik-adamlaryñ tebigy hukugy bolup durýar.Hususy eýeçiligiñ ýokary statusuny Jon Lokk iki sebäpleri bilen düşündiripdir:birinjiden;hususy eýeçiligi ösdürmek-adamlara özüni hem öz maşgalasyny ähli gerekli zatlar bilen üpjün etmek mümkinçiligini berýär; ikinjiden bolsa; adamda ähli gerekli zatlary bolanda ol öz şahsy ösüşüne has köp üns berip bilerdi.

Jon Lokkyñ pikirine görä, hususy eýeçilik-absolýut gymmatlyk bolman, ol erkin jemgyýete ýetmegiñ serişdesi bolup durýar.Adam erkin azat bolup özüniñ halal zähmeti bilen özüne gerek baýlygyny gazanmaga hukugy bar.

Jon Lokkyñ pikirine görä, döwletiñ ýeke-täk borjy-raýatlaryñ hem şahsyýetleriñ hukuklaryny goramakdan ybarat. Jon Lokkyñ nygtaýşyna görä- şahsyýet jemgyýeti döredýär, jemgyýet bolsa döwleti döredýär.Şeýlelik bilen şahsyýet jemgyýetden hem döwletden ýokarda durýar we jemgyýeti hem döwleti täzeden döredip bilýär.

Jon Lokk syýasy häkimiýetiñ bölünmegiñ tarapdarydy.Häkimiýet kanunçykaryjy we ýerine ýetiriji şahalara bölünmegini subut edipdir.Kanunçykaryjy häkimiýeti has ähmiýetli bolup durýar, sebäbi ol döwletiñ syýasatyny kesgitleýär.Yerine ýetiriji häkimiýet bolsa, parlamentiñ kararlaryny amala aşyrmaklyga borçly.

Syýasaty öwreniş ylmyna uly goşant goşan-beýik fransuz akyldary Şarl Lui Monteskýe(1689-1755) bolup durýar.Bu beýik şahsyýet taryha iki goşandy bilen giripdir.

Birinjisi; “kanunlaryñ ruhy” diýen düşünjesi ýagny adamlara hemişe täsir edýän faktorlaryñ toplumy bolup durýar.Bu barada ol özüniñ kanunlaryñ ruhy diýen kitabynda çuññur beýan edipdir.

Syýasy pikirleriñ ösüşüni ol öñünden teoriýa taýdan görüp bilen şahsyýetdi.

Ikinjisi bolsa; -häkimiýetleriñ bölünmeginiñ teoriýasy bolup durýar.Bu teoriýa “garyşyk höküm sürmek” gadymy pikirden gelip çykýar.Ony ilki Aristotel we Ssiseron soñra bolsa Akwinat hem Lokk ylmy taýdan öwrenipdirler.Ilkinji gezek bu pikir Angliýada Kromweliñ hökümdarlygynda kanun görnüşünde amala aşyrylypdyr.

Häkimiýetleriñ bölünşiginiñ mehanizmini Monteskýe teoretiki taýdan öwrenipdir.Onuñ pikirine görä kanunlaryñ agalygyny diñe bir ýol bilen ýagny, häkimiýetleriñ kanunçykaryjy , ýerine ýetiriji hem sud formalaryna bölünmegi bilen üpjün edip bolar.

Şeýlelik bilen täze döwrüñ Yewropa we ABŞ-nyñ syýasatşynaslary, jemgyýeti öwreniji alymlar dünýä syýasy ylmyna uly goşant goşup ony teoriýa taýdan baýlaşdyrdylar.Häzirki zaman syýasy ylymlarynda olaryñ pikirleriñ köpüsi dowam edýär.

## VI. Syýasaty öwreniş ylmyna görnükli alymlaryñ goşan goşandy

Syýasatyñ we döwletiñ sosial konsepsiýasynyñ analizini ilki bilen beýik fransuz akyldary Žan Žak Russo(1712-1778) bolup

durýar.Munuñ özi raýatlyk konsepsiýasynyñ ilkinji beýan edilmegi hem onuñ tankydy bolup durýar.

1)Russanyñ pikirine görä her bir adam jemgyýetiñ we döwletiñ bölegine öwrülip olara boýun egýärler.

2)Russanyñ taglymatyna görä adamlar bir tarapdan döwleti döredýärler başga bir tarapdan bolsa adamlar döwletiñ önümleri bolup durýar.Eger-de adam umumy pikire garşy çyksa jemgyýet adamy güýç ulanyp boýnuny egdirmelidir.Russanyñ bu ideýasy Fransuz rewolýusiýasynyñ liderleri hem Russiýanyñ bolşewikleri durmuşa amala aşyrdylar.

Umumy erkiniñ amatly hereket etmek üçin Russanyñ pikirine görä üç sany daşarky şertler zerur bolup durýar.

1.Sosial deñhukuklyk

2.Fundamental syýasy agzybirligi

3.Demokratiýanyñ göni formasy

Iñlis konserwatory Edmund Berk(1720-1797) syýasy ylyma özüniñ goşandyny goşdy.Berk tebigy hukuklaryñ ideýasyny berk takyk edýärdi. Berkiñ pikirine görä döwlet we jemgyýet adamyñ tapan zady bolman, tebigy ewolusiýanyñ netijesi bolup durýar.

Döwletiñ esasy maksady-düzgünleri we kanunlary goramakdan ybarat.Berk häkimiýetiñ wekilçilikli formasynyñ tarapdarydy.Onuñ pikirine görä, parlament-Angliýanyñ häkimiýetiniñ hakyky formasy bolup durýar.Halk tarapyndan parlamenta gözegçilik edilmeli däl.Berkiñ pikiriçe bu institutyñ üsti bilen azlyk köplügi dolandyrýar hoşniýetli görnüşünde parlamentiñ deputatlary öz saýlawçylaryñ wekilleri bolup diñe

saýlawçylaryñ instruksiýasy boýunça hereket etmeli däl, emma umuman saýlawçylar üçin syýasaty geçirmeli.

Berkiñ pikirine görä, her bir döwletiñ institutlary-asyrlaryñ dowamynda döredilen edaralary bolup durýar. Şonuñ bilen baglanşygynda Berk döwleti kem-kemden emaý bilen reformirlemegiñ tarapdarydy.Döwletiñ reformirligini ony dargatmakdan başlamaly däldir, diýip Berk belläpdir.

Siwilzasiýalary goraýan zatlar-jemgyýetiñ organiki bitewiligi hem düzülen sistemalaryñ hem gymmatlyklaryñ öñünde adamlaryñ boýun egmeklikden ybarat.

Berkyñ konserwatiw syýasy taglymaty 1789 ýylyñ fransuz rewolýusiýasyny öwrenmegiñ netijesinde peýda bolupdyr.Berk fransuz rewolýusiýasyny terk edipdir.

Yewropanyñ hem ABŞ-nyñ görnükli alymlaryñ syýasaty öwreniş ylmyna goşan goşandy uludyr.

Syýasy psihologiýa örän uly goşant goşan alymlar; D.Adelson, J.Piaje, P.Inglhart, S.Renşon.

Bu alymlar kognitiwistik we gumanistik psihologiýanyñ döredijileri.

Syýasaty öwreniş ylmyna örän uly goşant goşan bir näçe syýasy taglymatlaryñ awtory görnükli Günbatar alymy Maks Weber bolup durýar.Ol syýasy sistema syýasy psihologiýa, syýasy hadysalar barada onlarça kitaplaryñ awtory.

Adamyñ hereketiniñ düýp sebäpleri barada meşhur Günbatar Yewropanyñ alymlary C.Leybinist hem B.Spinoza bir näçe ylmy işleriñ awtorlary bolup durýarlar.Agramly goşant goşan beýleki alymlar-F.Nişşe, A.Şapengawer, A.Bergson.

Bu teoriýa öz gözbaşyny beýik Günbatar alymy Ž.Freýdden alýar.Ž.Freýdiñ taglymatyny dowam eden alymlar; C Bullit we C.Laswell bolup durýar.

Beýleki Yewropa alymy adamyñ psihoanalize goşant goşan awtor-D.Barber bolup durýar.D.Barberiñ pikirine görä, adamlaryñ syýasy durmuşa gatnaşmagy, olaryñ içki psihologiki faktorlary bilen bagly bolup durýar.

Syýasy psihologiýa ylyma goşant goşan görnükli Günbatar alymlary A.Adler, J.Lakam, K.Yung

Çikago uniwersitetiniñ professory Çarlz Ferriam syýasy ylymynyñ döremegine we ösmegine uly goşant goşan alymdy.

Carrold Lassuel-syýasy sistemalar barada taglymatyñ awtory bolup bu ylma agramly goşant goşan alymdyr.Meşhur nemes alymy Cons Morgentan-syýasaty öwreniş ylmynyñ görnükli awtorlaryñ biri bolup durýar.Günbatar Yewropanyñ,ABŞ-nyñ syýasatşynaz-alymlar syýasaty öwreniş ylyma öz goşandyny goşupdyrlar.Olaryñ döreden syýasy taglymatlary, syýasy pikirleri ylmy işleri syýasaty öwreniş ylmyny baýlaşdyrdy hem ösdürdi.

Günbatar Yewropanyñ hem ABŞ-nyñ görnükli alymlaryñ syýasy taglymatlary,pikirleri, garaýyşlary dünýä syýasy ylymy ýokary teoretiki derejesine ýetirip häzirki döwürde-de alymlaryñ hem mugallymlar tarapyndan ulanylýar,ösdürilýär we kämilleşdirilýär.

## VII. Syýasy partiýalar

‘’Syýasy partiýa ’ diýen düşünjäniñ birnäçe kesgitnamalary bar.

1)Etimologiýa tarapdan-partiýa diýen düşünje bitewi zadyñ bir bölegi, bir tarapy, syýasy hakykatyñ elementi diýen manysyny berýar.

2)Liberallar-partiýany –ideologiki birleşme hökmünde kesgitleýärler.

3)Marksistler-partiýañ kesgitnamasyny synpy çemeleşmesi esasynda beripdir.Olaryñ pikirlerine görä,partiýa ezilýän synpyñ bähbitlerini we hukularyny goraýan gurama bolup durýar.

Günbataryñ alymlary D.Lapolombara we M.Weýner özleriniñ ‘syýasy partiýalar we syýasy ösüş ’ diýen kitabynda partiýanyñ kesgitnamasyny beripdirler.Bu kesgitnama partiýanyñ beýleki syýasy institutlaryndan tapawutlykda berilipdir.Doly görnüşündäki partiýalar hem Merkezi hem Yerli organlar bar, partiýalaryñ esasy maksady-häkimiýeti öz eline almakdan ybarat.

Partiýa diýen gurama-halk köpçüligiñ, bähbitlerini goraýar hem öñe sürýär.Häkimiýeti öz eline alan partiýa öz syýasatyny durmuşa geçirýär.Gepiñ gerdişine bellenmeli zat-syýasy kuluplar hem toparlar wagtyñ geçmegi bilen syýasy partiýalara öwrülip bilýärler.

Partiýalaryñ aýratyn kesgitnamasy-hukuk kesgitnamasy bolup duryar.Partiýalaryñ bu kesgitnamasy döwletiñ kanunlarynda ilki bilen konstitusiýasynda tassyklanylan.

Bu kesgitnamada partiýalaryñ syýasy statusy, funksiýalary,mümkinçilikleri beýleki syýasy institutlary bilen aragatnaşyklary beýan edilipdir.

Syýasy partiýalar hökman maksatnamasy hem ustawy bolmalydyr.

Syýasy partiýanyñ maksatnamasynda bu partiýanyñ esasy syýasy ideýalary, syýasy maksatlary, ugurlary beýan edilipdir.Ustawda bolsa partiýanyñ agzalyga beýan edilipdir.

Partiýanyñ hukuk kesgitnamasynda onuñ umumy hem takyk alamatlary berilipdir. Olaryñ iñ häsiyetlisi şular:

1. Saylawlara hökmany ýagdaýda gatnaşmagy.
2. Hereketiñ hemişelik häsiýeti.
3. Syýasy gatnaşyklaryñ derejesi.
4. Guramaçylyk derejesi.
5. Agzalaryñ sany.
6. Partiýanyñ ady.

Syýasy partiýany ykrar edýän we ony resmileşdirýän hem döwlet goragyny üpjün edýän prosedurasy- paritiýanyñ döwlet tarapyndan geçirýän Registrasiýa bolup durýar. Döwlet registrasiýasyny geçen partiýa-saýlawlara gatnaşmaga, salgyt ýeñilliklerine. Döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegine hukuk alýarlar.

Partiýanyñ funksional düşünjesi onuñ hereketinden hem bitirýän funksiýalarynyñ ugurlaryndan alynyp kesgitlenilýär.Partiýanyñ iñ möhüm sosial funksiýasy-wekilçilik bolup durýar.Çünki onuñ üsti bilen partiýa dürli sosial gatlaklara we toparlara öz gatnaşygyny beýan edýär.

Syýasy partiýanyñ esasy funksiýasy-halkyñ syýasy talaplaryny syýasy kararlara öwürmeginden

ybarat.Partiýnyñ sosial funksiýasy-sosial integrasiýany üpjün etmeginden ybarat.Syýasy partiýa jemgyýetiñ dürli toparlaryny syýasy sistemasyna goşmak konfiktli bähbitlerini ylalaşdyrmak, sosial syýasy konfliktlere oñaýly formalary bermekden ybarat.Bu maksatlara ýetmek üçin jemgyýetiñ dürli sosial gatlaklaryñ we döwlet institutlaryñ gatnaşyklar ýola goýulýar,dürli syýasy pikirleri ylalaşdyrylýar, kompromisleri tapmak we ş.m.

## Syýasy partiýanyñ ideologik funksiýasy

Esasan partiýa ideologiýasyny hem partiýa propogandany işläp düzmekden ybarat.Teoretiki konsepsiýalary partiýa maksatnamalaryny hem rezolýusiýalaryny,şygarlaryny we ş.m.-ýörite ideologik edaralar ylmy merkezler hem partiýañ institutlary tarapyndan işlenip taýýarlanylýar.Häzirki zaman partiýa ideologiýasy köp halatlarda ideologik deklarasiýalaryñ hem syýasatyñ gowy işlenen ugurlarynyñ birleşmesi bolup durýar, syýasy partiýa ideologiki taýdan hemişe üýtgeýän syýasy ýagdaýlaryna uýgunlaşmaga taýýar bolmaly.

Syýasy partiýa öz ideologiýasyny diñe işläp düzmek bilen çäklendirilmän öz gymmatlyklaryny hem däplerini mahawatlandyrýar,ideologiki diskussiýalara gözegçilik edýär.”tegelek stoly ”geçirmek üçin täze temalary düzýär we ş.m.

ABŞ-nyñ syýasy patiýalary üçin ideolgiýañ ähmiýeti uly däl, ýöne olaryñ hem ideologiki gymmatlyklary hem däpleri bar.

Partiýänyñ esasy syýasy funksiýasy döwlet häkimiýeti öz eline almak.Bu bolsa syýasy rekrutirlemek funksiýasyny döredýär.Onuñ esasy mazmuny-partiýa üçin kadrlary

saýlamak we wezipelerine goýmak syýasy elitany taýýarlamak, syýasy hereketlerine taýýarlanmak, syýasy tejribesini baýlaşdyrmak we ş.m.

Partiýa-syýasy bilimleriñ,uniwersiteti bolup durýar,çünki bärde amaly ýagdaýda syýasatçylar taýýarlanylýar.

Syýasy partiýanyñ ýene bir funksiyasy- elektoral funksiýasy bar.Partiýa saýlaw kompaniýalary gurnaýar,olary ideologiki tarapdan üpjün edýär,olaryñ gidişini kesgitleýär, saýlaw býülletenleri taýýarlap olary berýär hem soñ sanaýar we ş.m.

Partiýa ýene-de üç frunksiyalary amala aşyrýar:jemgyýetçilik pikirini formirlemek , kondidatlary saýlamak, hem deputatlaryñ hereketleriniñ şertlerini üpjün etmeginden ybarat.

Struktura taýdan partiýanyñ merkezi ýadrosy hem aşakdaky organlary bar.Umuman-partiýa sistema bolup durýar.

## VIII. Syýasy sistemalar

Syýasy sistemalar hakynda özleriniñ pikirlerini gadymy döwürden başlap beýik alymlar hem hökümdarlar beýan edipdirler:Aristotel,T.Gobbs we beýlekiler.Olar syýasaty özbaşdak bitewilik hökmünde ykrar edipdirler.Yöne bu pozisiýany ilkinji bolup has düýpli Nikolo Makiawelli öñe sürüpdir.Onuñ pikirine görä syýasatyñ öz syýasy maksatlary bar.(döwletiñ bitewiligi we agzybirligi).Syýasatynyñ rasionalistik geçireni üçin Makiawellini syýasy ylmyñ döredijisi diýip hasaplanýar.

Emma “syýasy sistema” diýen düşünje XX asyryñ ortasynda has çuññur öwrenilýär hem giñ ýaýraýar.Syýasy sistemalaryñ teoriýanyñ döremegi syýasy ylmyñ ösüş logikasy bilen şertlendirilipdir.Syýasy sistemasynyñ teoriýasyny döretmek,

toplanan maglumatlary jemlemek-wagtyñ talaby bolup örän zerur mesele hökmünde öñe çykypdyr.

Syýasy sistemalaryñ teoriýasynyñ döremegine güýçli itergi sistema çemeleşmeleri beripdirler.Olaryñ başynda biologiýa hem L.fon Bertalansiniñ sistemalaryñ umumy teoriýasy ýatyr.

Sosial akyl ýetirmeginde degişli pikirler Talkott Personsyñ sosial sistemalaryñ teoriyasynda beýan edilipdir.Ol jemgyýetde özbaşdak sistemalary öz funksiýalary boýunça bölüpdir, ýagny, ruhy, ykdysady we syýasy sistemalary.

Ykdysady sistema-jemgyýetiñ daşky sreda bilen uýgunlaşmaga niýetlenen;

Ruhy sistema-ýaşaýyş obrazy gorap saklamaga, terbiýä, jemgyýetçilik añynyñ ösüşüne,konfliktleri çözmeklige niýetlenen.

Syýasy sistema-jemgyýeti bitewileşdirmek umumy hereketleriñ we umumy maksatlarynyñ ýokary netijeligini üpjün etmeginden ybarat.Emma T.Parsons bu düşünjäni çuñ we hemmetaraplaýyn öwrenmedi.Bu işi soñra Amerikan syýasatşynazlar Dewid Iston we Gabriýel Almond geçiripdirler.Bu alymlar syýasy sistemalar teoriýasynyñ döredijileri bolup durýar.

Alymlaryñ umumy pikirine görä, ilkinji bolup syýasy durmuşy sistema görnüşünde öwrenen hem beýan eden awtor D.Iston bolup durýar.Onuñ işlerinde “syýasy sistema”(1953) “syýasy analiziñ çäkleri”(1965) “syýasy durmuşyñ sistema analizi”(1965) ol syýasy sistemasynyñ teoriýasynyñ düýbüni tutupdyr.

Syýasy sistemasynyñ düzümi :

1. Institusional sistemasy-syýasy institutlardan ybarat.Bu institutlaryñ hersi özi sistema bolup durýar.(döwlet, partiýa, jemgyýetçilik-syýasy) .Esasy syýasy institutlaryñ biri, özünde maksimal syýasy häkimiýetini jemlenen döwlet instituty bolup durýar.Syýasy sistemasynda aýratyn rol syýasy partiýalara we jemgiýetçilik syýasy hereketlerine degişli we şol sanda prossoýuzlara,telekeçiler guramalaryna,köp dürlü lobbistik guramalaryna bu guramalar kanun çykaryjy hem ýerine ýetitiji düzümleriñ ýanynda döredilýär.Umumy olara “Syýasy infrastruktura’’ diýen ady bilen atlandyrýarlar.

Köpçilikleýin habar beriş serişdeleri ‘’Dördinji häkimiýet’’ diýip atlandyrýärlar.

Buthanañ syýasy roly onuñ köpçülikleýin täsiri bilen düşundirilýäşr.

Syýasy sistemanyñ normatiw podstrukturasyny dürli normalar bilýärler;

Hukuk we ahlak, syýasy däpler we ş.m.Olar syýasy durmuşyny dolandyrýarlar.Komminikatiw podsistemasynyñ çäklerinde syýasy sistmasynyñ içindäki aragatnaşyklar amala aşyrylýar:Döwletiñ we partiýalaryñ arasynda,syýasy we ykdysady sistemalaryñ arasynda,hem-de birnäçe ýurtlaryñ sistemalaryñ arasynda.

**Syýasy sistemalaryñ funksiýalary:**

1. Syýasy sosializiýasy-Yagny, ýurlary syýasy herekete goşmak

2. Bähbitleriñ artikulýasiýasy-ýagny,syyasy kararlary döretýänlere edilýän talaplar şeýle talaplar adamlar we toparlar tarapyndan goýulýar.

3. Bähbitleriñ agrewirlemesi-ýagny goyulýan talaplary bir netijä getirmek,olary ylalaşdyrmak,belli netijeleri çykarmak we olaryñ umumy maksatnamalara öwürmek

Syýasy kommunikasiýa-ýagny syýasy sistemanyñ elementleriñ arasynda informasýon gatnaşyklary

**Normalary döretmek.**

Kontrol işleri geçirmek we beýlekiler.

Garaşsyz Baky Btarap Türkmenistanyñ syyasy sistemasy, häzirki döwürde Hormatly Prezidentimiziñ Gurbanguly Berdimuhamedowyñ yglan eden Täze Galkynyşlar Beýik özgertmeler zamanasynda hemmetarapdan ösen Halkara standardyna gabat gelýän sistema bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyñ syýasy sistemasynyñ institutlaryny käşmilleşdirýar, meselem; artykmaç funksiýalaryñ syýasy institutlary ýatyrýar,ýagny, Halk maslahatynyñ funksiýalaryny mejlise geçirip,bu syýasy instituty ýatyrypdyr.

## IX.Syýasy medeniýet

Syýasy medeniýet düşünjesi, syýasy añ psihologiýa, kategoriýalaryndan tapawutlylykda,syyasy durmuşyñ subýektiw tarapynyñ goşmaça, has çylşyrymly taraplaryny hem gatnaşyklaryny açyp görkezýär.

“Syýasy medeniýet”-termin görnüşünde ilkinji gezek XVIII asyrda nemes filosof-akyldar I.Gerder tarapyndan ulanylypdyr.

Soñra,ylalaýtada XIX asyryñ ahyrynda XX asyryñ başlarynda bu kategoriýa dürli ylmy mekdepleri şol sanda marksizm

tarapyndan syyasy barlaglarynda aktiw ulanylypdyr.Totalitar sistemaly döwletlerde syýasy medeniýet düşünjesini ulanmaga mümkinçilik ýok.

Günbatar syýasaty öwrenişde syýasy medeniýet barada örän köp hem baý uylmy maglumatlar toplanypdyr.Bu meseläniñ teoretini esasy hökmünde syasy sistemalaryñ ylmy barlaglaryñ netijesinde häkimiýetiñ  hem jemgyýetiñ baglanşyklarynyñ anyklanylmagy bolup durýar.

Syyasy gymmatlykar syýasy sistemasynyñ “integrasýon-durnuklylyk” faktoryñ kesgitleýji hökmünde seredilipdir.Syýasy medeniyetiñ taglymatynyñ peýda bolmagy-resmi hem real syýasy sistemalary birleşdirmek, raýatlaryñ syýasy hereketlertini hem dolandyryş,kararlaryñ kabul edilmegi baglanşdyrmak synanşygy bolup durýar.

Syýasaty öwreniş ylmynda “syýasy medeniyet”kategoriasy ilkinji gezek Amerikan teoretik H.Faýeriñ “Beýik Yewropa döwletleriñ dolandyryş sistemalary”diýen ylmy işinde (1956) ulanylypdyr.

Bu hadysanyñ konseptual tarapyndan akyl ýetirmek synanşygyny Amerikan alymy C.Almond özüniñ “deñeşdirme syýasy sistemalary”(1956) makalasynda edipdir.Bu ylmy işinde syýasy medeniýetiñ syýasy sistemasy bilen arabaglanşyklaryny, esasy düşünjeleri bolup düzüm elementleri analizden geçiripdir.

Bu alym-teoretiklerinden başga syýasy medeniýetiñ teoriýasyny düzmek işine esasy goşant goşan alymlar-S.Werba, A.Libset, L.Paý soñra bolsa M.Dýuwerj, H.San Boým, U.Rozen Baum, R.Rouz, M.Krozýe we başgalar.

Syýasy barlaglarynda ilki bilen dünýäniñ dürli döwletlerinde syýasy sistemalaryñ syýasy medeniýetleri deñeşdirilipdir.Soñky döwürlerde syýasy medeniýetiñ

antropologiýa ,sosiologiýa,filosofiýa,psihologiýa ylymlarynyñ çäklerinde öwrenilipdir.

Häzirki döwürde bolsa, syýasy medeniýetiñ köp dürli,inçe taraplaryny hem baglanşyklaryny öwrenmek üçin alymlar normatiw hem taryhy strupturalaýyn hem psihologini usullaryny hem çemeleşmelerini ulanýarlar.XX asyryñ 60-70-nji ýyllarynda Günbatar alymlar tarapyndan syýasy medeniýetiniñ klassifikasiýasy, kesgitnamalary giñ düzülip başlanýar. S.Werbañ pikirine görä, syýasy medeniýet syýasy sistemanyñ elementi bolup syýasatyñ subýektiw ugruny üpjün edýärdi.Şol sebäpli ol öz içine empiriki garaýyşlaryny simwollaryny hem gymmatlyklaryny alýardy.

Angliýanyñ meşhur syýasatşynaz D.Kawanah syýasy medeniýet baradaky ylymda toplanan teoretiki garaýyşlaryny bir bitewi sistema düzüpdir.Birinji topara-syýasy medeniýetiñ psihologiki görnüşleri degişlidir.Munuñ manysy-ýagny, adamyñ syýasy obýektlere bolan içki düşünjeler.Bu topar syýasy añ hem syýasy psihologiýa düşünjeler bilen çäklendirilýär.Ikinji topara-syýasy medeniýetiñ ähli toparlaryñ görnüşeri degişlidir.Bu topara subýektleriñ hereketleriniñ psihologiki esaslary degişlidir.Uçünji topara-obýektiw çeşmeler girizilipdir.Olar syýasy medeniýetiñ mazmuny raýatlaryñ hem toparlaryñ hereketleriniñ hem olaryñ normalarynyñ we kadalarynyñ üsti bilen görkezipdir.Dördünji topara-syýasy medeniýeti-hereketleriñ hem pikirleriniñ normatiw model hökmünde degişlidir.”Syýasy medeniýet” diýe düşünje diñe adam üçin iñ wajyp garaýyşlary bilen baglydyr.

Syýasy medeniýet adamyñ gymmatlyklary bilen bagly bolup,ol hem-de onuñ dünýägaraýyşlaryna degişlidir.

Meşhur syýasatşynaz alym A.Bodneryñ klassifikasiýasyna adamyñ syýasatda öñe sürýän gymmatlykly ugurlaryna şular degişidir;

1)akyl ýetirmek ugry-ýagny, syýasy obýektler barada onuñ hakyky ýa-da ýalñyş bilimleri;

2)effektiw ugry-adamy syyasy hadysalary we wakalary bilen duýgy taýdan baglaşdyrylýar.

Mundan daşgary bu topara adamlaryñ syýasy obýektler baradaky pikirleri, garaýyşlary we ş.m., baha bermekligini talap edýän ugurlar degişlidir.

Häzirki zaman dünýäsinde medeniýetleriñ arabaglanşyklary hem gatnaşyklary medeni diller üsti bilen mümkin bolýar.

Medeniýetiñ dillerine şular degişli;

1. terminler

2. simwollar

3. stereotipler

Bularyñ many ähmiýeti örän uludyr.Medeniyetiñ dili diñe dil görnüşünde bolman, ol syýasy ýazuw tekstler görnüşünde-de hereket edýär.

## X. XX asyryñ II ýarymynda syýasaty öwrenişiñ ösüş ugry

XX asyryñ 50-70-nji ýyllarynda syýasaty öwreniş ylmy dürli ugurlardan ösüşlere eýe bolupdyr.

50-70-nji ýyllarynda syýasatşynaz alymlaryñ tarapyndan syýasy añ meselesi, onuñ orny we roly ylmy taýdan öwrenilip oña akyl ýetiripdirler.

Syýasy aň-syýasy durmuşyň subýektiw tarapyny häsiýelendirýän umumy kategoriýa bolup durýar.Özüniň mazmuny boýunça ol raýatlaryň häkimiýet we döwlet institutlary hakynda duýgy we teoretiki gymmatlyklar we normatiw, rasional we intuitiw düşünjeleri öz içine alýar.Başga söz bilen syýasy aň-adamyň syýasy ulgamynda ýaşamagynyň özboluşly funksiýalary amala aşyrmagynyň dolandyryş organlar bilen gatnaşyklaryň hem berilýän hukularyň we azatlyklaryň üstünden gözegçilik etmegiň ähli ruhy taraplaryny öz içine alýar.Şonuň üçin jemgyýetde hereket edýän subýektleriň syýasy düşünjelerden hem adamlaryň aňyrdan gelýän mentalitetinden syýasy prosesiň häsiýeti we mazmuny gowy ösüşe eýe bolýarlar.

Adamlaryň sosial düşünjeleriň syýasy derejesi diňe döwlet,partiýa, häkimiýet bilen gatnaşyklaryň çäklerinde mümkin bolýar.

Syýasy aň-ol sosial toparlaryň hakykaty kollektiw bähbitler jähtden şöhlelendirmekden ybarat, ýagny, toparlaryň bähbitleriniň-olaryň bütin jemgyýete edýän täsiriniň ölçegi bolup durýar.

Döwletde ýaşaýan her bir raýat syýasata öz gatnaşygyny düşünmeli,kesgitlemeli, ösdürmeli.Şonuň esasynda bolsa, adamyň syýasy pikirlenmegi,subýektiň syýasy statusy syýasy häkimiýete edýän täsiri döredäýärler.

Syýasy aň diýen düşünjäniň çäklerinde toparlaýyn indiwidual, umumyadamzat ideýalary hem düşünjeleri amala aşyrýarlar.

Syýasy aňyň açyk häsiýeti diýen görnüşünde adam beýleki adamlaryň sosial tejribesini,medeni gymmatlyklaryny hem däplerini kabul etmäge açyk hem taýýar bolup durýar.

Syýasy aňyň ýapyk tipdäki görnüşünde adamyň garaýyşlary korporatiw lokal we toparlaýyn normalaryň we maksatlaryň çäklerinden çykanok.Adamlaryň syýasy aňy diňe sosial hakykaty tankydy jähtden şöhlelendirmegiň esasynda mümkin bolýar.Syýasy aň diýen düşünjäniň merkezi meselesi –adamyň şahsy we toparlaýyn syýasy bähbitlere düşünip şonuň esasynda öz syýasy hereketlerini we garaýyşlaryny ösdürmek bolup durýar.Bu bolsa, diňe real tejribäň esasynda hasyl bolup biler.

Umuman häkimiýetiň gurnamagynda hem funksionirlemeginde syýasy aň şu funksiýalary bitirýär;

1. Kognigatiw funksiýasy-ýagny, adamlaryň hem jemgyýetiň toparlaýyn we umumykollektiw bähbitlerini anyklamak;

2. Ideologiki funksiýasy-ýagny, toparyň ýa-da tutuş jemgyýetiň bähbitlerini goramak zerurlygy;

3. Kommunikatiw funksiýasy-ýagny, syýasy gatnaşyklarynyň subýektleriň hem göterijileriň öz arasyndaky hem häkimiýetiň institutlary bilen gatnaşyklaryny üpjün etmek;

4. Prognostik funksiýasy-ýagny, toparyň ýa jemgyýetiň syýasy prosesleriň mümkin boljak ösüşini öňünden çaklamak;

5. Terbiýeçilik funksiýasy-adamlaryň syýasy aktiwligine synpyň,milletiň,döwletiň ideallaryna esaslanýan häsiýetlerini bermek;

Syýasy aňyň real durmuşynda doly görnüşünde bolmak köp sebäplere bagly bolup durýar.Esasy mesele munda-olaryň amala aşyrylmagy durnukly ýa durnukly däl jemgyýetçilik ýagdaýlarda bolup durýar.Meselem; geçiş jemgyýetçilik ýagdaýlarynda ideologiki funksiýasy gaty ösýär,emma syýasy aňyň kommunikatiw funksiýasy pese düşýär.Şonuň netijesinde

dürli syýasy subýektleriñ bähbitleri hem pozisiýalary biri-birine gabat gelmän gapma-garşylyklar döreýär.

Durnuksyz ýagdaýlarynda uzak möhletli prognozlaryñ roly hem pese düşýär.Şeýlelik bilen,syýasy añ köpçülikleýin,toparlaýyn hem indiwidual subýektleriñ syýasy özüni alyp barşynyñ faktory bolup durýar.Şol sebäpli syýasaty öwrenişde-syýasy añyñ formalaryñ we düzümleriniñ köpdürliligi synplaryñ,milletleriñ elitleriñ,liderleriñ ýönekeý raýatlaryñ we syýasy gatnaşyklaryñ beýleki subýektleriñ syýasy hereketleriniñ höweslendirmegiñ syýasy elementi bolup durýar.

Indiwitleriñ hereketleriniñ rasional.rasional- gymmatlykly ,affektiw hem däp bolan syýasy motiwasiýanyñ formasy hereket edýärler.

Syýasy hereketleriñ formalary;

1. Açyk formalary-ýagny, göni häsiýetli syýasy hereketler, meselem; saýlawlara,partiýa çärelere gatnaşmak we ş.m.

2. Yapyk formalary-(raýatlyk borçlaryny etmezligi, absentizm)

3. Normatiw formalary-resmi kadalara niýetlenen we dewiantly (resmi kadalara gabat gelýän)

4. Däp bolan formalary-(bir görnüşde üýtgemeýän formalar)

5. Innowasion formalary-(döredijilik, täzelenýän formalar)

## XI. Syýasy ideologiýa

“Ideologiýa” diýen terminy ilkinji bolup fransuz alymy De Tressi (1754-1836) ylmy dolanşyga girizipdir.

Ideologiýanyñ marksistik hem Günbatar alymlaryñ kesgitnamalary bar.Bu meseläniñ prinsipial ýeri ideologiýany we ylmy aýry düşünjeler hökmünde görkezmek.

Çünki, ideologiýanyñ akyl ýetirmek funksiyasy ýok.Maks Weberiñ pikirine görä, “ideologiya ” diýen hadysa ynam meselesine degişli, onuñ hiç hili ylmy taraplary ýok.Ideologiýa funksional tarapyndan, jemgyýeti jebisleşdirmegiñ guraly, serişdesi bolup durýar.Ideologiýa aýratyn toparlaryñ hem indiwidleriñ psihologiýasy bolup durýar.Syýasy ideologiýa-ideýa garaýyşlarynyñ sistematizirlenen toplumy bolup, ol belli bir toparlaryñ bähbitlerini goraýar, hem-de köp sanly adamlaryñ indiwidual maksatlarynyñ we hereketleriniñ häkimiýetiñ maksatlarynyñ we hem wezipeleriniñ öñünde boýun egmegini talap edýär.Gysga aýtsak, syýasy ideologiýa-ol ýa bu toparyñ häkimiýete dalaş etmekden hem özüniñ syýasy hereketleriñ strategiýasy bilen häsiýetlendirilýär.

Ideologiýanyñ esasy funksiýasy-halk ilatynyñ köpçülikleýin syýasy añyna täsir etmekden, şoña jemgyýetiñ geljekki ösüşiniñ çaklamalaryny we bahalaryny ornaşdyrmagyndan ybarat.

Ideologiýanyñ toparlaýyn häsiýeti bar.Ol geçirilýän syýasy ugurlarynyñ pozitiw obrazyny döredýär,.Özüniñ syýasy funksiýalaryny amala aşyryp, ideologiýa belli bir toparlaryñ bähbitleriniñ esasynda (orta synpyñ ,daýhanlaryñ we beýlekileriñ) jemgyýeti jebisleşdirýär.

Syýasy ideologiýa ruhy hadysa bolup, halkyñ syýasy hereketlerini ideýa hem maksat tarapyndan ugrukdyrýar.

## Syýasy ideologiýanyñ funksionirlemeginiñ derejeleri:

1. Teoretiki-konseptual derejesi-bu derejede ol ýa bu synpyñ,gatlagyñ, milletiñ, döwletiñ ideallary,bähbitleri, düşünjeleri düzülýär;

2. Syýasy-maksatnamalaýyn derejesi-bu derejede sosial-filosofiki prinsipler we ideallar syýasy elitanyñ maksatnamalaryna,şygarlaryna,talaplaryna geçirilýär, hem-de ilatyñ syýasy hereketine täsir edýän kararlary kabul etmekden ybarat.Ideologiýanyñ bu derejesi gös-göni partiýalaryñ,soýuzlaryñ,birleşmeleriñ hereketi bilen baglanşykly;

3. Aktualizlenen derejesi – ýagny raýatlar tarapyndan ideologiýanyň maksatlaryna hem prinsiplerine düşünmek olary öwrenmek we ş.m.
Ideologiki gymmatlyklardan hem maksatlaryň ugur alýan hem öz arasynda gatnaşýan gatnaşyklaryň subýektleri syýasatyň kommunikatiw giňişlligini döredýär.Onuň çäklerinde hemişe syýasy maglumatlaryň, prinsipleriň, garaýyşlaryň, ideýalaryň,bahalaryň,çeşmeleriň özara çalşygy gidýär.
Häzirki döwürde SSSR döwleti hem tutuşlygyna sosialistik sistemasy synandan soňra "çepçi ideologiýalaryň"roly hem abraýy gaçyp pese düşüpdir.Birinji nobatynda ol marksizm-leninizm ideologiýasyna degişlidir.

Marksizm-Leninizm syýasy taglymaty XIX asyryň ortasynda döredi, ýagny işçi synpyň hem buržuaziýanyň göreşip başlangyç iň ýiti tapgyrynda emele gelipdir. Bu taglymatynda esasy üns sosializme geçmegiň rewolýusion usullaryna berilipdir. Bu taglymatda işçi synpynyň diktaturasy yglan edilipdir, rewolýusion işçi hereketiniň strategiýasy we taktikasy düzülipdir.

Marksizm-Leninizm taglymaty barada bellemeli zat – bu ideologiýa öz taryhy tapgyryň dowamynda “güýç ulanmak filosofiýasynyň” çäklerinden çykyp bilmän totaliristik režimleri döredip, halklary örän agyr ýagdaýlara getiripdir. Marksizm-Leninizm iň konfrontasion ideologiýalaryň biri bolup ,dünýäniň beýleki syýasy sistemalary bilen intellektual, medeni gatnaşyklary geçirmän, özüni olardan çetde goýupdyr.

Şeýlelik bilen marksizm-leninizm ideologiýasy ruhy we taryhy taraplaryndan dünýä syýasy arenasyndan gitmeli boldy.

Häzirki zaman hereket edýän güýçli hem perspektiw ideologiýanyň biri-sosial-demokratik ideologisy bolup durýar. Bu ideologiýanyň esasy ugry jemgyýetiň sosial adalatlylyga hem raýatlaryň deňhukuklara tarap taryhy ewolýusiýa bolup durýar.

Günbatar Ýewropada dörän beýleki häzirki zaman ideologiýalary liberal (neoliberal) hem konserwatiw (neokonserwatiw) ideologiýalar bolup durýar. Olaryň syýasy täsiri Günbatar Ýewropa ýurtlarynda örän uly.

**Liberal ideologiýanyň esasy prinsipleri :**

1. Adamyň esasy hukuklaryna hormat salmak.

2. Hususy eýeçligi ykrar etmek.

3. Erkin bäsdeşlik prinsipi.

4. Erkin bazar gatnaşyklary.

5. Telekeçiligi ösdürmek.

Liberal ideologiýasynyň tapawutlulykda konserwatiw ideologiýasynyň esasy prinsipi-kapitalistik gatnaşyklaryň durnuklylygyny üpjün etmek.

Beýleki Günbatar Yewropada giň ýaýran ideologiýa-Hindistan-Demokratik ideollogiýasy bolup durýar. Bu ideologiýanyň esasy ugurlary indiwidual, etiki, ahlak, medeni gymmatlyklar, ugurlar bolup durýar. Syýasy ösüş-erkin we deňhukukly raýatlaryň hereketi bilen bagly bolup durýar. Bu raýatlar öz hereketlerinde dini ahlagyň kadalaryndan ugur alýar.

## XII. Syýasy psihologiýa.

Syýasy ideologiýa jemgyýetde aktiw täsir edip, adamlaryň psihologiýasy bilen birleşýär. Şeýlelik bilen syýasy psihologiýa-häkimiýet gatnaşyklaryň subýektiň praktiki (amaly) aňy bolup durýar.Ruhy hadysalaryň toplumy adamlarda syýasy özüni alyp barşyň normalaryny döredýär.

Eger-de ideologiýa-toparlaryň teoretiki hereketiniň önümi bolýan bolsa, psihologiýa-raýatlaryň gös-göni aktiwliginiň prosesinde olaryň hem häkimiýet institutlarynyň praktiki özara gatnaşyklaryň esasynda döreýär. Şol sebäpli syýasy psihologiýanyň mazmunynda esasy roly aňyň duýgy hem emosional elementler oýnaýarlar. Olar adamlaryň prespektiw gaýra goýulmasyz meselelere gönükdirýär.

Funksional nukdaý nazardan syýasy psihologoýa adamlaryň bähbitleriniň hem syýasy häkimiýetinde garaşýan çözgütleriň arabaglanyşyklaryny açyp görkezýär. Dürli ideologiýalar syýasy psihologiýa täsir edýärler. Şonuň üçin syýasy

duýgularyň real mazmuny, milletleriň döwletiň häkimiýetiň subýekti hökmünde ruhy jebisligiň görkezijisi bolup durýar.

Syýasy psihologiýa barada ýörite ylmy iş 1930-njy ýylda döredi. (Ç Laswell, Psihopatologiýa we syýasat). Şondan soň bu problema boýunça köp işler edilipdir. Emma özbaşdak ylym hökmünde syýasy psihologiýa diňe XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Günbatar Ýewropada emele gelipdir. Onuň teoretiki fundamentisyýasy filosofýa bolup durýar. Onuň nusgawy görnüşiň awtory-T. Gobbs, J. Lokk, Ç. Spensor, A. Smit we başgalar iň täze syýasy işleriň awtory- A. Toýnbi, J, Oruell, P. Sorokin, T. Parsons bolup durýarlar.

Syýasy psihologiýanyň obýekti-häkimiýetiň köpçülikleýin, toparlaryň hem indiwidual subýektleriň syýasy garaýyşlaryň reflektor hem refleksiw mehanizmler bolup durýar. Olaryň üsti bilen adamlaryň pikirlenmegini we amaly aktiwligini durnukly durnuksyz syýasy proseslerinde halkara hem içki syýasy gatnaşyklarynda bir sapaga düzülýär.

Mazmuny nukdaý-nazardan syýasy psihologiýasynda durnukly bölegini (akyl, milletiň psihologiýasy, häsiýetler, däpler we ş.m.) hem dinamiki çalt hereket edýän bölegini (duýgular, emosiýalar, garaşylýan zatlar we ş.m.)görkezip bolar.

Raýatlaryň syýasy hereketleriniň sebäpleri olaryň esasy idiologik formalary bolan syýasy ideal, prinsipler hem emosional akyl ýetirmegiň dürli derejelere bagly bolup durýar. Elbetde her bir adamda bu ideologiki düşünjelere öz saýlaw gatnaşygy bar.

Adamlaryň psihologiki hereketlerini iň effektiw hem gös-göni täsir edýän normatiw talaplar bolup durýar,çünki olar toparlaryň hem gatlaklaryň syýasy maksatlaryny hem olaryň amala aşyrmagynyň serişdeleri takyk görkezýär.

Subýektleriň psihologiki hereketlerine uly täsir edýän aňyň toparlaýyn formalary bolup durýar.belli bir funksional hem sosial toparlaryň syýasata bolan garaýyşlaryň üsti bilen adam hakyky syýasy gatnaşyklaryna goşulýar.

Şol sebäbi adamyň syýasy duýgylarynyň aýratynlylyklaryna akyl ýetirmek üçin düli sosial toparlaryň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak zerur bolup durýar.

Bu toparlaryň görnüşleri:

1. uly ýa-da distant taraplary: synplar, gatlaklar, territorial düzümleri we ş.m.
2. kiçi toparlar- şol sanda adamlaryň sosial birleşmeleri, referent birleşmeleri, aýry syýasy assosiasiýalary we ş.m.

Syýasy duýgylaryň we emosiýalaryň aýrylmaz bölegi- indiwidual garaýaşlaryň toplumy bolup durýar. Bulardan daşgary günbatar syýasaty öwreniş ylmynda berk pozisiýalaryny personalist, indiwidualistik, psihoanaliz, frustrasiýa we beýlekiler tutýarlar.

## XIII. Syýasaty öwreniş ylymda häkimiýet barada teoretiki hem filosofiki düşünjeler.

Häkimýet düşünjesi barasynda aýtsak ol umumy manyda öz erkini maksadyny geçirmek amala aşyrmak adamlaryň hereketlerine täsir etmek öz syýasatyny geçirmek (içeri we daşary syýasatlary) teoretiki we filosofiki taýdan “häkimýet ” diýen hadysa jemgyýetde we döwletde esasy rol oýnap, halk ilaty bir maksada gönükdirýär.

Häkimiýete degişli serişdeler (terminler)-abraý,hukuk, güýç ulanmak,düşündiriş işleri geçirmek we beýlekiler. Häkimiýetiň esasy we möhüm görnüşi-syýasy häkimiýet bolup durýar.

Syýasy häkimiýet-haýsyda bir synpyň, sosial toparyň, partiýanyň, şahsyýetiň -syýasatda we hukuk kadalarda öz maksatlaryny geçirmegiň real mümkinçiligi bolup durýar.

Häkimiýet meselesi - syýasaty öwreniş ylmynyň teoriýa we filosofiýa tarapyndan esasy düşünje bolup durýar.

Döwlet häkimiýeti – dürli serişdeleriň üsti bilen öz maksatlaryny durmuşa geçirýär:

1. Ideologiki täsiriň üsti bilen ,
2. Ykdysady höweslendirmegiň üsti bilen.

Diňe döwlet häkimiýeti özüniň ýörite edaralarynyň üsti bilen döwletiň bütin ilatyny bir maksada bir ugra gönikdirip bilýär. Syýasy häkimiýetiň hereketiniň esasy formalary :

1. Agalyk etmek

2. Ýolbaşçylyk

3. Höküm sürmek

4.Dolandyryş

5. Gözegçilik etmek

Syýasy häkimýetiň görnüşleri:

1. Awtoritar
2. Demokratik
3. Monarhiýa

Häkimýete filosofiki taýdan düşünmek diýmek – bu syýasy hadysanyň ruhy hem maddy taraplaryny açyp beýan etmek bolupn durýar. Syýasy häkimýetiň teoretiki we filosofiki esaslaryny öwrenmek üçin olara akyl ýetirmek üçin ylmy

barlaglar, ylmy derňewler hem analizler, deňeşdime usuly, syýasy modelirleme çemeleşmeler hem usullar ulanylýar. Häkimiýetiň filosofiki taýdan öwrenmek – onuň jemgyýetde düýp manysyna akyl ýetirmek ony döredýän düýp sebäplere düşünmek bolup durýar. Häkimiýet – syýasy sistemanyň merkezi ýadrosy bolup durýar.Teoretiki hem filosofiki taýdan "häkimiýet" diýen syýasy hadysa jemgyýetiň durmuşunda esasy ruhy düşünje bolup durýar.

## XIV. Syýasaty öwrenişiň öwrenmegiň maksatlary.

Syýasaty öwrenişiň öwrenmgiň maksatlary kesgitlemek – bu ylmyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Näme üçin adamlar syýasaty öwrenýärler diýen sowala dünýäniň alymlary asyrlaryň dowamynda jogap tapjak bolup bu maksatlary kesgitlediler.

### Syýsaty öwrenişiň esasy maksatlary şular:

1. Syýasaty bitewilikde öwrenmeklik- ýagny bolup geçýän syýasy prosesleri tutuşlygyna umumy ulgam hökmünde öwrenmek ony ylmy taýdan kesgitlemek oňa baha bermek, akyl ýetirmek, ylmy derňew işleri we barlaglary geçirip olaryň üsti bilen anyk ylmy netijelere gelmek bolup durýar.
2. Syýasatyň bölekleriniň arasyndaky aragatnaşyklary öwrenmeklik - ýagny syýasatyň aýry elementleriniň düzümleriniň arasyndaky gatnaşyklary öwrenmek, olara akyl ýetirmek. Mysal üçin syýasy häkimiýetiň bölünşigi meselesinde, kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji hem sud formalarynyň arasyndaky aragatnaşyklary, arabaglanyşyklary, aratapawutlary öwrenmek, olara akyl ýetirmekden ybarat.
3. Syýasatyň ugurlaryny anyk taryhy ýagdaýda öwrenmek.

Ýagny, ykdysady syýasatyny anyk taryhy ýagdaýda öwrenmek, häzirki zaman ýagdaýlary bilen deňeşdirip, analiz hem sintez ylmy – barlag işlerini geçirip, soňra hem anyk ylmy netijelere gelmekden ybarat. Syýasatyň her bir ugruny anyk taryhy ýagdaýda öwrenmek – syýasy ylmyň esasy usullarynyň biri bolup durýar.

4. Syýasatyň geljekde dörejek ugurlaryny çaklamak.

Sýasat ylmynyň esasy möhüm meseleriniň biri – syýasaty öwrenişiň ýerine ýetirmeli wezipeleri kesgitlemek bolup, syýasaty öwreniş ylymyň ýerine ýetirmeli 2 wezipeleri bar.

1. Beýan etmeklik wezipesi ýagny, geçirilen ylmy barlaglaryň derňewleriň netijeleri çap etmeklik, olary beýan etmek , halka ýetirmek, ýaýratmak, ony bilimleriň bir bölegine öwürmekden ybarat.
2. Düşündirmek wezipesi – ýagny adamzat jemgyýetinde bolup geçýän köp dürli çylşyrymly içerki hem daşarky syýasatyň ugrlaryny, hadysalaryny düşündirmek olary dürli ýollar bilen köp sanly çäreleriň üsti bilen halk ilatyna ýetirmek. Bu işleriň çäklerinde adamlar bilen ýörite duşyşyklary geçirmek .

Bu meselede aýratyn rol köpçülikleýin habar beriş serişdelere degişlidir. Bu edaralaryň (telewideniýe, radio, gazetler) kömegi bilen bolup geçýän syýasy hadysalary barasynda halk köpçüligine çalt habar ýetirilýär.

## XV. Halkara gatnaşyklary.

Häzirki döwürde dünýäde, onuň ýadro ýaragy hem himiki önümleri bilen her bir döwlet dünýä bileleşiginiň bähbitlerini göz öňünde tutman öz syýasatyny geçirip bilmez.

XXI asyryň başynda dünýä syýasatynyň esasy prinsipi-umumyadamzat bähbitleriniň prioriteti bolup durýar.Ýaşamagyň hem progresiň esasy şerti halkara gatnaşyklarynyň çäklerinde bähbitleriň deňagramlygyny saklamak bolup durýar.Adamzadyň taryhynda adamlaryň ykbalyny güýç ulanmaklyk bilen dolandyrmak syýasatyň netijesinde köp sanly urşlara getiripdir. Soňky bäş müň ýylyň dowamynda diňe 3 asyr uruşsyz geçipdir. Uruşlaryň umumy sany 15 müňden gowrak bolupdyr. Diňe Ýewropada XVII asyrda 3 million , XVIII asyrda 5 million gowrak , XIX asytda 6 million, XX asyrda 70 million gowrak adamlar gurban bolupdyr.

Häzirki zaman dünýä bileleşiginde düýpli üýtgetmeleri başdan geçirýär. Dünýä syýasatynda hem halkara gatnaşyklarynda köp ugurlar täzelenýär.

Halkara gatnaşyklarynyň territoriýasynda "daşary syýasat" termin bilen bilelikde "halkara syýasat "diýen düşünje ulanylýar. Munuň esasy sebäbi subýektleriň gatnaşyklaryň giňelmegi. Döwletler bilen bir hatarda olarda has aktiw roly-hökümetara hem hökümetdäl guramalar,syýasy partiýalary hem hereketleri, sosial toparlar hem aýry şahsyýetler oýnaýarlar.

Halkara gatnaşyklar- döwletleriň döwletara guramalaryň,partiýalaryň, dürli döwletleriň baglanyşyklaryň birleşmegi bolup durýar.SSSR döwleti hem sosialistik sistemasy synandan soň "sowuk urş" tamamlanandan soň SSSR döwletiniň ýerinde 15 sany garaşsyz özbaşdak döwletleriň

döremeginiň netijesinde halkara gatnaşyklarynda täze ýagdaýlar, tendensiýalar, hakykatlar hem reallyklar ýüze çykyp başlady.

Bu tendensiýalar belli halkara sistemasynda bolup geçýärler, şonuň amala aşyrylmagynyň serişdeleri hökmünde halkara hem daşarky syýasatlar bolup durýar. Bir döwletiň daşarky syýasaty köp halatlarda halkara syýasat hökmünde hereket edýär. Halkara syýasatyň esaslara häzirki döwürde diňe döwletleriň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklar girmän, gatnaşyklaryň ähli görnüşleri girýär. Halkara syýasatynyň geçirmeginiň netijeli mysaly hökmünde Ýewropa döwletleriniň (ES) hyzmatdaşlygyny getirip bolýar. Ýewropa döwletleri ähmiýetli meseleleri çözmek üçin özüniň ekologiki syýasy meselelerini hem ahlak gymmatlyklaryň sistemasyny goramak üçin öz güýçlerini birleşdiripdirler.

Halkara gatnaşyklaryň möhüm meselesi-içerki hem daşarky syýasalaryň aragatnaşyklary kesgitlemek bolup durýar.Daşary ýurt awtorlary,içerki we daşarky syýasatlaryň arabaglanyşyklaryny halkara gatnaşyklarynyň teoriýasynyň esasy meselesi hökmünde seredýärler.

XIX asyryň ahyrynda hem XX asyryň I-nji ýarymynda görnükli nemes taryhçysy Leopold Fon Ranke hem Awstriýa sosiology L. Gumplowiç döwletiň içerki hem daşarky syýastlarynyň biri-birine edýän täsiri barada ýazypdyrlar.

Bu garaýyşlaryň dowamy geosyýasy konsepsiýalarynda öz logiki dowamyny tapypdyr. Günbatar awtorlarynyň pikirine görä halkara gatnaşyklara gapma-garşylyk (konflikt) häsiýeti mahsus bolup durýar. Belli amerikan sosiology Ç. Morgentaunyň pikirine görä halkara syýasatda güýç ulanmak hem göreş zerur bolup durýar.Halkara syýasatynyň ahyrky

maksatlaryna garamazdan esasy maksady güýç ulanmagy bolup durýar.

Syýasatyň içerki hem daşarky taraplarynyň güýç ulanmak häsiýeti bar. Içerki we daşarky syýasatlaryň aragatnaşyklarynyň analiziniň beýleki çeşmesinde-içerki hem daşarky syýasatlaryň deň hukuklylyk deňagramlylyk prinsipi ýatyr. Hökman bellemeli faktlaryň biri-ol bolsa-daşky faktorlaryň her bir ýurdyň içerki jemgyýetçilik gatnaşyklaryna güýçli täsir edýändigi bolup durýar.Bu zatlar ekologik we çig mal meseleleriniň ýitileşmegi bilen sosial deňagramlylygyň bozulmagy dünýäniň bir topar sebitlerinde sosial ýagdaýlaryň erbetleşmegi bilen düşündirilýär.

Halkara we içerki gatnaşyklaryň ýene bir meselesi-olaryň haýsy birinji bolup durýanlygyndan ybarat. Bu meselä dialektiki hem anyk taryhy häsiýet mahsusdyr. Halkara gatnaşyklaryň häzirki tapgyrynda halkara proseslerine, syýasy wakalara ösüşiň esasy tendensiýalaryna akyl ýetirmek-durmuşyň gaýra goýulmaýan meselesi bolup durýar.

Trans milli çemeleşmäniň esasy mazmuny-köp dürli, köp aspektli dünýäniň aragatnaşyklarynyň-halkara hereketiniň bölegi hökmünde öwrenmek hem oňa garamak bolup durýar. Häzirki dünýäniň dolandyryş işlerine obýektiw taýdan halkara institutlary halkara hukugyň kadalary, bähbitleriň toplumlary,partiýalara,internosionallar, spor, buthanalar we beýleki subýektler hem guramalar.

Garaşsyz Türkmenistan döwleti özüniň Bitarap syýsatyny halkara arenasynda üstünlikli amala aşyrýar. Türkmenistan döwleti dünýäniň onlarça ýurtlary bilen deňhukukly syýasy, ykdysady,medeni, ynsanperwer gatnaşyklaryny ösdürýär. Sebitdäki öňüni alyş diplomatiýa merkezi hökmünde halkara

durmuşyny sagdynlaşdurmaga özüniň agramly goşandyny goşýar.

## XVI. Döwlet-syýasy institut hökmünde.

Syýasy ylym üçin döwlet diýen düşünje hemişe syýasy, ylmy pikirleriň ortasynda durýardy. Emma uzak wagtyň dowamynda döwlet we jemgyýet düşünjeleriniň terminologiki hem mazmuny taýdan bölünişigi ýokdy.

Bu düşünjeleri ilkinji bolup bölen alym Nikkolo Makiawelli bolup durýar. Döwlet üçin ol stato ýörite termini girizipdir. Raýatlyk jemgyýetiň hem döwletiň teoretiki bölünişigi ilkinji gezek geçiren Gegel bolup durýar. Ähmiýeti boýunça ol döwleti jemgyýetden öňde goýupdyr.

Döwlet baradaky teoretiki garaýyşlary diňe XVIII asyrda peýda bolýarlar.Döwlet hakynda ýazan awtorlaryň hatarynda- W. Penn, Monteskýe, Russo, Kondorse, A.Smit, U.Kant, I.Fihte, J. Lokk, T. Mor, U. Çowdin, Sen-Simon. Olar öz syýasy pikirlerini öz ylmy işlerinde beýan edipdirler.

Soňra XIX asyryň II-nji ýarymynda bu mesele K. Marksyň ylmy işlerinde öz beýanyny tapypdyr. Marksyň pikirine görä, döwlet güýç ulanmagyň hem adamlary ezmekligiň apparaty bulup durýar. Döwlet eziji ykdysady agalyk edýän synpyň tarapyndan döredilýär, özüniň höküm sürmegini goramak hem berkitmek üçin. K. Marksyň pikirine görä, döwlet hemme sosial toparlaryň hem gatlaklaryň bähbitlerini deň derejede kanagatlandyryp bilenok.

Döwlete garşy pozisiýasy anarhistler tarapyndan düzülipdir. Olaryň pikirine görä döwleti ýok etmek hem döwletsiz jemgyýete geçmek-zerur wezipe bulup durýar. Olardan tapawutlylykda Marks hem Lenin proletoriatyň diktaturasy döwletiň kommunizme geçiş döwründe zerur bolup durýar.

Sosial-demokratlaryň pikirine görä döwletiñ işçi synpyň hem bütin jemgyýetiň ulanmagy üçin hökman galmalydyr. Taryhy tejribe bu pikirleriň dogrudygyny subut edipdir.Syýasaty öwreniş ylymda döwletiň ylmy barlaglary dürli çemeleşmeler esasalanýar.

Giň ýaýran çemeleşmeleriň biri-normatiw çemeleşme. Bu çemeleşmä laýyklygynda döwlet sosial hem syýasy hereketleri özüni alyp barşyny regulirleýän kadalaryň jemlemesi bolup durýar. (Ç. Kelzen).

Instutional çemeleşmesi – bu çemeleşmä laýyklykda häkimiýetiň nyşany onuň instituty, çylşyrymly sosial-syýasy tebigatly hem-de merkezleşdirilen düzümli formasyndaky hadysa bolup durýar. (J. Býurdo, M. Dýuweže we beýlekiler). Bu çemeleşmäniň awtorlarynyň pikirine görä döwlet diňe XVI asyrda peýda bolupdyr.

Sosiologiki çemeleşmesi- ilkinji bolup gadymy döwürde Aristotel döwleti sosial jemgyýet hökmünde kesgitläpdir.Onuň teoretiki netijeleri 150-döwlet polisleriniň analize esaslanýar. Ol ideal döwletiň ideýasynyň awtory bolup durýar. Bu ideal döwlet orta synpyna esaslanýar. Döwlet meselesine sosiologik çemeleşmesiniň aýratyn görnüşi hökmünde marksizm çykyş edýär. Marks döwleti jemgyýetiň beýleki ulgamlary bilen-sosial synpy düzümi bilen ykdysady prosesleri bilen deň goýupdyr. Bu çemeleşmesiniň güýçli tarapy ýagny döwlet diýen institutyň taryhy kanunalaýyklyklaryndaky ösüşini görkezmekde onuň ewolýusiýasyny doly beýan etmekliginden ybarat.

XIX asyryň ahyryndan döwletiň sosiologik düşünjeler peýda bolup başlady. Bu düşünjäniň manysy döwleti umumy häsiýetleriniň netijesi hem ilatyň birleşmesi hökmünde görkezmekden ybarat. Sosiologik çemeleşmesiniň ösüşi soňky

tapgyrlarda Amerikan syýasy sosiologiýasynda dowam edipdir.Amerika aylmlarynyň esasy ünsi syýasy institutlaryň sosial sredasynda jemlenen.

## Syýasy ylymda döwletiň dürli konsepsiýalary bar:

1. Teokratik konsepsiýasy-ýagny döwletiň gelip çykyşyny Alla tarapyn görýärler.
2. Şertnamalaýyn konsesiýasy-munuň manysy düzgün-tertip üpjün etmek üçin hökümdaryň hem ilatyň arasynda şertnamany baglanyşmakdan ybarat.
3. Basyp almak konsepsiýasy-ýagny döwletiň döreýşi bir toparyň beýleki topary basyp almak bilen düşündililýär.

Sosial-ykdysady-konsepsiýasynyň aýratyn häsiýeti bar. Onuň içerki görnüşi Platonyň garaýyşlary bolup durýar.Bu garaýyşlaryň iň ösen görnüşi Marksyň ylmy işlerinde beýan edilipdir. Onuň esasy ähmiýeti-zähmetiň bölünşigini görkezmek. Mundan başgada synpy sosial-ykdysady, taryhy ugrlar bolup durýar.

Döwlete geçmegiň geçiş formasy sredalaryň gatlagy.

**Döwletiň döremegine täsir edýän foktorlar:**

1. Ykdysady faktorlary.

2. Ekologik faktory.

3. Demografiki faktorlary.

4. Psihologik faktorlary.

**5.** Daşarky faktorlary.

Häzirki syýasy ylymda döwletiň döremegine täsir edýän faktorlaryň esasy faktory kesgitlemek başardanok. Häzirki zaman dünýäsinde döwletiň rolunyň ösmegi bir topar sosial faktorlary bilen çälendirilýär. Ösen syýasy we rasional medeniýet jemgyýetlerinde döwletiň häkimýeti hemişe wekilçilik edaralary ösen syýasy hereketleri, köpçülikleýin hereketleri, oppozisiýa bilen çäklendirilýär.

## XVII. Syýasaty öwreniş ylmynyň ulanýan usullary.

Syýasaty öwreniş ylmy syýasy ylymlaryň hatarynda möhüm orun tutýar.Syýas durmuşyny barlag işleriniň üsti bilen öwrenmeklige syýasy öwreniş ulanýan köp sanly hem köp dürli usullar arkarlly hem çemeleşmeleri bar.

Bu meselede esasan şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Obýekti yzarlamak usuly – ýagny obýektiň döreýşini taryhy özgerşini we ş.m. ulanmak.
2. Eksperimentleri geçirmek – ýagny hadysalary öwrenmek ylmy işleriň çäklerinde olara aktiw hem güýçli täsir etmek, täze barlaglaryň maksatlaryna gabat gelýän ýagdaýlaryny döeretmek ýa-da prosesleri alymlara gerekli tarapyna öwürmek;
3. Induktiw usuly – ýagny bu usulyň üsti bilen hadysalaryň arasyndaky arabaglanyşyklary açylyp anyklanylýarlar. Bu usulyň kömegi bilen bolup geçýän hadysalaryň döremeginiň sebäplerini öwrenýärler.

4. Gipotezlary goýmak usuly – ýagny, ol ýa bu obýekti ýa-da hadysa barasynda öňünden pikir aýtmak. Gipoteza seredilýän faktlara gabat gelmeli köp faktlaryň içinden gipoteza hakykata has golaý duran faktlary almaly. Gipoteza orta goýulanda , onuň bolup biljek netijesini göz öňünde tutmaly. Faktlatyň baglanyşyklary barada goýulýan gipotezalatyň sany az bolmaly.
5. Modelirlemek usuly – ýagny geljekki boljak wakalara we hadysalara model hem maket hökmünde döretmek. Bu usul derňew we çaklama ylmy işleriniň bir bölegi bolup durýar.
6. Çaklama usuly – ýagny geljekde bolup biljek wakalary barasynda öpünden netijeleri orta goýmak. Çaklamalar soňra hakyky bolan faktlar bilen deňeşdirilýär.
7. Köpçülikleýin anketirlemek usuly - ýagny halk ilatyň köpçüligiň arasynda "sowal-jogap" işlerini geçirmekden ybarat. Bu usulyň üsti bilen ol ýa bu mesele barada halk köpçüliginiň raýatlaryň takyk pikirlerini bilmek mümkn.
8. Interwýu almak usuly- ýagny bu usulyň üsti bilen belli bir adamlar bilen ol ýa bu meseleden söhbetdeşlikleri geçirmek, soňra bolsa belli bir netijä gelmekden ybarat.
9. Ekspertiza netijesi usuly- ýagny bolan hadysanyň sebäpleri takyk bilmek üçin ulanylýan usul. Ekspertiza işi diňe ylymyň esasynda logiki we faktlaryň esasynda geçirilýär;
10. Dessury usuly – ýagny syýasy barlag işlerini geçirmekde aňyrdan gelýän dessury usullary ulanmak, resmi maglumatlary kitaphanalarda hem arhiwlerden almak;
11. Taryhy- deňeşdirmek usuly – ýagny syýasy hadysalary, düşünjeleri faktlary taryhy taýdan deňeşdirip olaryň aratapawutlaryny hem meňzeşliklerini anyklamakdan ybarat.

12. Sistemalaýyn çemeleşmek usuly – ýagny, bu usulyň esasy manysy bolup geçýän syýasy hadysalary sistemalaýyn öwrenmek, ýagny hemme faktlary we elementleri göz öňünde tutmak.
13. Filosofiki usuly – bu usulyň esasy manysy – bolup geçýän hadysalary dialektika hem materializm esasynda öwrenmekden ybarat.
14. Hadysalaryň arabaglanyşyklaryny subut etmek usuly – ýagny, her bir öwrenilýän hadysany onuň sebäplerini subut etmek , ylmy faktlara daýanmak .

Syýasaty öwreniji alymlar şu ylmy usullary ulanyp alnan ylmy maglumatlary we netijeleri jemläp jemgyýetiň syýasy durmuşyny öwrenýärler , oňa akyl ýetirýärler , položitel we otrisatel taraplaryny deňeşdirip jemgyýeti has kämilleşer ýaly amaly görnüşinde ullanyp bilýärler.

Diňe-ylmy syýasy barlaglary hem-de olara degişli usllary ulanmaklyk bilen jemgyýetiň syýasy durmuşyny netijeli öwrenmeklik mümkindir ýagny jemgyýetiň syýasy ulgamyny hem ony düzýän böleklerini döwlet institutlary, syýasy partiýalary, häkimýet organlary, jemgyýetçilik guramalary we beýlekiler.

Jemgyýetiň syýasy durmuşyny ylmy barlaglar üsti bilen öwrenmekde dessury usuly ulanýarlar. Dessury usulyň many mazmunyna şu ugrlar degişli:

1. Taryhy ugry
2. Hukuk ugry
3. Institutlaşan ugry

Taryhy ugry üsti bilen sosial we syýasy hadysalarda umumy we aýratyn taraplar barlanylýar hem-de syýasy hadysalaryň ösüşiniň dürli taryhy tapgyrlara akyl ýetirmeklik gazanylypdyr. Taryhy usulyň 3 görnüşleri bar:

1. Taryhy – tipologiki deňeşdirme, şonuň üsti bilen syýasy hadasalaryň meňzeşligi düşindirilýär.
2. Taryhy – genetika usuly – syýasy hadysalaryň umumy gelip çykyşyny düşündirýär.
3. Taryhy arabaglanyşygy açyp görkezýän medeniýetleriň meňzeşliginiň usuly

Dessury usulyň esasy ýetmezçiligi häsiýete eýe bolmagy . Çünki bu usul käbir täze iň döwrebap usullardan yza galyp meselelere bir neme çäkli kemräk seredýär. Emma dessury usuly öz ýerinde ulanmaklyk – peýdaly we netijeli bolýar.

## XVIII. Syýasaty öwrenişiñ öwrenmeginiñ özüni alyp baryş usuly

Syýasaty öwreniş ylmynda köp dürli usullar ulanylýar.Şol usullaryñ üsti bilen syýasaty öwrenişi üstünlikli öwrenmek oña akyl ýetirmek mümkindir.Ylmy usullaryñ arasynda köp ulanylýan özüñi alyp baryş usuly hem bar.

Özüñi alyp baryş usulynyñ ähmiýeti örän uludyr.Sebäbi bu usulyñ üsti bilen geçirilen saýlawlaryñ üsti bilen saýlawlaryñ netijeleri jemgyýetçilik pikirlerini bilmek ahyrky netijesinde jemgyýetiñ syýasy durmuşyny has çuññur öwrenmek bolup durýar.Bu usulyñ manysy adamlaryñ syýasy wakalarynda subýekt hökmünde özüni alyp barşyny ylmy taýdan öwrenmekden ybarat.

Özüñi alyp baryş usulynyñ esaslaryny düzýän elementlere şular degişli;

1. Saýlawlaryñ netijeleri
2. Jemgyýetçilik pikirini bilmek üçin geçirilen (sorag-jogaplar) we dürli wakalaryñ we çäreleriñ sanaw netijeleri
3. Dessury we özüñi alyp baryş usullarynyñ birleşmesi
4. Hili barlaglaryñ we sanaw barlaglaryñ netijeleriniñ birleşmesi

   Bu usulyñ üsti bilen adamlaryñ syýasy durmuşyndaky gatnaşygy hem-de şol gatnaşyklarynda görkezýän psihologiki indiwidual aýratynlyklaryna akyl ýetirmek, derñewden we analizden geçirmek.

   Bu usul ahyrky netijede subýektiñ we obýektiñ özara gatnaşyklarynda görkezýäñ olara baha berýän usul bolup durýar.

## XIX. Syýasaty öwrenişiñ usulyýet ugurary

Syýasaty öwrenişiñ usulyýet ugrlaryny kesgitlemek möhüm wezipe bolup durýar. Syýasaty öwrenişiñ usulyýet ugrlara şular degişli;

1. Pozitiw barlaglar we olaryn aýratynlyklary-ýagny, barlaglaryñ oñyñ häsiýeti
2. Syýasy medeni ugrlary-ýagny, ruhy medeniýet bilen baglanşykly ugry
3. Syýasy nyşanlar ugrlary
4. Däp-dessurlaryñ usulyýet ugry-ýagny, halkyñ milli däp-dessurlary bilen baglanşykly ugry
5. Mifler we olaryñ adamyñ syýasy özüni alyp barşyna edýän täsiri-ýagny, adamlaryñ syýasy özüni alyp barşyna mifleriñ, rowaýatlaryñ edýän täsiri
6. Syýasy ylymda düşündiriş we düşünmek kesgitlemeleri

7. Syýasy ylmyñ ulgamlylygy
8. Syýasy ylymda dil we düşündiriş-kategorial apparaty

   Usulyýet ugrlarynyñ syýasaty öwreniş ylmynda ähmiýeti örän uludyr.Usulyýet ugrlarynyñ üsti bilen syýasaty öwrenmek möhüm mesele bolup durýar. Usulyýet ugrlarynyñ üsti bilen döwletiñ syýasy ulgamyna syýasy durmuşyna içerki we daşarky syýasatlaryna akyl ýetirmek mümkinçiligi bar. Umuman usulyýet ugrlary syýasaty öwrenişinde adamlaryñ jemgyýetdäki roly has takyk kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

## Eebiýat:


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak

baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.

20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk

zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. Симонишвили Л.П. Формы правления:история и современность.М.2007
30. Гумплович Л. Общее учение о государстве. М.1995
31. Платон. Государство. Законы. Политика.М.1998
32. Пугачев В.С. Основы политологии. М.1992
33. Гаджиев Г.С. Политическая наука. М.1997
34. Политология. Учебник для вузов. М.2000

# Mazmuny

Syỳasaty öwreniş ylmy dersi hökmünde……………...........10-15

Syýasaty öwrenişiñ sosial we ynsanperwer bilimleriñ hatarynda öz orny…………………………………………….....…....15-17

Syýasy ylmyñ ýüze çykmagy,ösüşi we institutlary döredið……………………………………………….....17-20

ABŞ-da syýasy ylmyň döremegi we ösmegi…………..…20-23

Syýasy ylmyñ ösüş ýolunyñ ugrlary…………………..…23-26

Syýasaty öwreniş ylmyna görnükli alymlaryñ goşan goşandy.....................................................................26-29

Syýasy partiýalar...............................................................30-33

Syýasy sistemalar...............................................................33-36

Syýasy medeniýet..............................................................36-39

XX asyryñ II ýarymynda syýasaty öwrenişiñ ösüş ugry.....39-42

Syýasy ideologiýa..............................................................43-46

Syýasy psihologiýa……………………………...……..46-48

Syýasaty öwreniş ylymda häkimiýet barada teoretiki hem filosofiki düşünjeler………………………..…………48-50

Syýasaty öwrenişiň öwrenmegiň maksatlary……………50-51

Halkara gatnaşyklary……………………………………...52-55

Döwlet-syýasy institut hökmünde………………………..55-58

Syýasaty öwreniş ylmynyň ulanýan usullary……………..58-61

Syýasaty öwrenişiñ öwrenmeginiñ özüni alyp baryş usuly……………………………………………………61-62

Syýasaty öwrenişiñ usulyýet ugurary……………………62-63